## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – BIZIŇ ŞÖHRATLY TARYHYMYZ HEM-DE HÄZIRKI BEÝIK DÖWRÜMIZ HALKLARYŇ ARASYNDAKY GATNAŞYKLARDA SAZLAŞYGY ÜPJÜN EDÝÄR, DOST-DOGANLYGY ROWAÇLANDYRÝAR.


# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

12-nji aprel, 2024. Belgisi 15/1581




# IKITARAPLAÝYN GATNAŞYKLAR ÖSDÜRILÝÄR

**9-njy aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gruziýanyň Parlamentiniň Başlygy Şalwa Papuaşwilini kabul etdi**

Döwlet Baştutanymyz myhmany gadymy we myhmansöýer türkmen topragynda mähirli mübärekläp, häzirki wagtda parlamentara hyzmatdaşlygyň netijeli dialogy ilerletmegiň, ýurtlaryňdyr halklaryň arasynda ynanyşmak, özara düşünişmek ýagdaýyny saklamagyň möhüm gurallarynyň biri bolup durýandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, Gruziýanyň Parlamentiniň Başlygynyň şu sapary ysnyşykly ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek we kanun çykaryjy edaralaryň arasynda tejribe alyşmak üçin oňyn mümkinçilik bolar.

Gruziýanyň Parlamentiniň Başlygy mähirli kabul edilendigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza Gruziýanyň Prezidenti hanym Salome Zurabişwiliniň hem-de Premýer-ministri Irakliý Kohabidzäniň mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi. Myhman ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň yzygiderli häsiýete eýedigini nygtady. Iki ýurduň Liderleri köpugurly hyzmatdaşlygyň, şol sanda parlament ugry boýunça gatnaşyklaryň okgunly ösdürilmegine itergi berýärler.

Duşuşygyň dowamynda Türkmenistan bilen Gruziýanyň arasynda deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak ýörelgeleri esasynda guralýan gatnaşyklaryň däp bolan dostlukly häsiýete eýedigi kanagatlanma bilen bellenildi. Döwletara hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary boýunça pikir alyşmalaryň barşynda söwda-ykdysady ulgamda, şol sanda energetika, senagat, saglygy goraýyş we beýleki pudaklarda gatnaşyklaryň netijeli häsiýete eýedigi nygtaldy. Şunda ulag-logistika ulgamyndaky hyzmatdaşlyk hem esasy ugurlaryň biri hökmünde görkezildi. Bellenilişi ýaly, biziň ýurtlarymyz türkmen-gruzin gatnaşyklaryny iki döwletiň anyk mümkinçiliklerine we isleglerine laýyk gelýän, hil taýdan täze derejä çykarmak üçin ýeterlik kuwwata eýedirler.

Türkmenistan bilen Gruziýanyň kanun çykaryjy edaralarynyň arasyndaky parlamentara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak barada-da gürrüň edildi. Şunda halkara hukuk binýadyny döretmekde we ösdürmekde iki ýurduň parlamentarileriniň işjeň gatnaşyklarynyň uly ähmiýeti nygtaldy.

Ynsanperwer ulgamdaky netijeli gatnaşyklar hem türkmen-gruzin hyzmatdaşlygynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Şunda ylym, bilim, medeniýet, sungat ugurly ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýmak üçin giň mümkinçilikleriň bardygyna üns berildi.

Pursatdan peýdalanyp, hormatly Prezidentimiz Gruziýanyň Parlamentiniň ýolbaşçysyny beýik türkmen akyldary, Gündogaryň bütin dünýäde ykrar edilen nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp, 11-nji oktýabrda Aşgabatda geçiriljek döwlet we hökümet Baştutanlarynyň halkara forumyna gatnaşmaga çagyrdy.

Myhman hormatly Prezidentimize çakylygy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň diňe bir bahasyna ýetip bolmajak milli gymmatlyk bolmak bilen çäklenmän, eýsem, dünýä medeniýetiniň genji-hazynasynyň hem aýrylmaz bölegi bolup durýandygyny nygtady. Bellenilişi ýaly, şanly senäniň halkara derejede baýram edilmegi dünýä jemgyýetçiligini söz ussadynyň döredijiligi bilen has giňden tanyşdyrmaga hem-de ýurtlaryň we halklaryň arasyndaky netijeli ynsanperwer dialogy pugtalandyrmaga ýardam eder. Munuň özi dünýä derejesinde parahatçylyk we ynanyşmak medeniýetini ilerletmegiň möhüm şerti bolup durýar.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň Gruziýa bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmäge we pugtalandyrmaga, şeýle hem doganlyk halklaryň abadançylygyň bähbidine özara gyzyklanma bildirilýän ulgamlaryň ählisinde netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmäge taýýardygyny tassyklap, Gruziýanyň Prezidenti hanym Salome Zurabişwilä we Premýer-ministri Irakliý Kohabidzä mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz hem-de Gruziýanyň Parlamentiniň Başlygy Şalwa Papuaşwili birek-birege berk jan saglyk, üstünlik, iki ýurduň halklaryna bolsa abadançylyk we rowaçlyk arzuw etdiler.

## Täze metjitler – Oraza aýynyň ýalkymy



10-njy aprelde Diýarymyzyň ähli künjeklerinde türkmen halky hormatly Prezidentimiziň Permany esasynda agzybirlikde Oraza baýramyny belläp geçdi. Oraza baýramy gününiň ir säheri metjitlere üýşülip, baýram namazy okaldy, Watanymyzyň mundan beýläk hem gülläp ösmegi üçin ýagşy doga-dilegler edildi.

Oraza baýramy mukaddes baýramdyr. Oraza baýramy dünýäniň ençeme halklarynyň, şol sanda türkmen halkynyň asyrlardan-asyrlara, nesillerden-nesillere geçirip gelýän ruhy tämizlik we ahlak arassalygy, ynsanperwerlik we hoşniýetlilik, şükranalyk ýaly müdimi ruhy gymmatlyklaryny dabaralandyrýan iň gadymy baýramlarynyň biridir. Gadymy türkmen topragynda, tutuş musulman dünýäsinde bolşy ýaly, otuz günläp dowam eden mukaddes Oraza aýynyň tamamlanandygyny alamatlandyryp, Oraza baýramy bellenilýär. Bu baýram mynasybetli hormatly Prezidentimiz türkmen halkyna Gutlag hatyny ýollady. Gutlagda Oraza aýynda we Gadyr gijesinde amal eden tagat-ybadatlaryňyz, tarawa namazlaryňyz, beren sadakalaryňyz, okan aýatlaryňyz, Bitarap döwletimiziň Ýer ýüzündäki at-abraýynyň has-da belende galmagynyň, mähriban halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşynyň hatyrasyna eden doga-dilegleriňiz Beýik Allatagalanyň dergähinde kabul bolsun diýlip bellenýär.

Oraza bütin musulman ymmatynyň baýramydyr. Musulman senenamasynyň dokuzynjy aýy bolan «Aýlaryň soltany» adyny alan Oraza aýy haýyr-sahawata, ynanç-ygtykatlara, ýagşy niýet-pällere, alkyş-dileglere, mähir-muhabbete, sogaplara beslenen aýdyr. Gadyr gijesi bu aýyň serweri hasaplanýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyz asylly däbimize eýerip, Gadyr gijesi mynasybetli 356 sany raýaty tussaglykdan boşatmak baradaky Permana gol çekdi. Bu mukaddes gijede şunça ynsanyň maşgala ojaklaryna nur çaýyldy. ■ 3

## Parlament diplomatiýasy täze derejä çykýar

**Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Bitaraplyk hukuk derejesine ygrarly bolan ata Watanymyzyň halkara derejesinde abraýy barha artýar. Türkmenistan sebitde we dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy pugtalandyrmak, döwletara gatnaşyklarda hyzmatdaşlygy berkitmek babatda halkara ähmiýetli tagallalary durmuşa geçirýär.**

Täze taryhy döwürde parlament diplomatiýasy hil taýdan täze derejä we işjeň häsiýete eýe boldy. Ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk derejesine laýyklykda, bu syýasat üstünlikli dowam etdirilýär. Munuň özi döwletleriň we halklaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary, ählumumy abadançylygyň bähbitlerine laýyk gelýän sebit we halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň möhüm şerti bolup durýar.

Ýurdumyzyň parlament diplomatiýasynyň işjeň ösdürýändigini



her ädimde duýmak bolýar. Muňa ýurdumyza daşary ýurt döwletleriň hem-de halkara guramalaryň parlament wekiliýetleriniň saparlaryndan, hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň amala aşyrýan daşary ýurt saparlarynda parlament wekiliýetleri bilen geçirýän ýokary derejedäki duşuşyklary hem aýdyň mysaldyr.

Golaýda Gahryman Arkadagymyzyň Täjigistan Respublikasyna amala aşyran saparynyň maksatnamasynda bu dostlukly ýurduň parlament wekilleri bilen duşuşyklar hem göz öňünde tutuldy. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Täjigistan Respublikasynyň Oli Majlisiniň Milli Majlisiniň başlygy Rustami Emomali hem-de Täjigistanyň Oli Majlisiniň Namoýandagon Majlisiniň Başlygy Mahmadtoir Zokirzoda bilen duşuşyklary boldy. Netijeli türkmen-täjik hyzmatdaşlygyny ösdürmekde milli parlamentleriň ugry boýunça gatnaşyklara möhüm orun berilýär. Häzirki zaman şertlerinde parlament diplomatiýasy aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Nygtalyşy ýaly, Türkmenistan diplomatik işiň bu formatyny ilerletmäge uly üns berip, dünýäniň dürli döwletleri bilen parlamentara gatnaşyklary işjeň ösdürýär. ■ 2

## Ylym-bilim adamzadyň bezegidir

**«Ýaşlar biziň geljegimizdir, ýaşlar biziň başyny başlan işlerimizi mynasyp dowam etdirijilerdir» diýip türkmen ýaşlaryna beýik ynam, uly bil baglaýan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda Watanymyzyň röwşen geljeginiň eýeleri bolan ýaş nesiller baradaky aladalar döwlet syýasatymyzyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi.**

Ýurdumyzda sanly bilim ulgamyny täze ösüşlere ýetirmek, bilim ojaklaryny ýokary hilli, elektron serişdeler bilen üpjün etmek, kitaphana ulgamynyň işini kämilleşdirip, neşir edilýän kitaplaryň sanyny artdyryp, bagtyýar ýaş nesilleriň dünýä ülňülerine laýyk ylym-bilim alyp, edepli-terbiýeli, ruhy taýdan berk bedenli, ahlak taýdan arassa ynsanlar bolup ýetişmegi ugrunda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz taýsyz tagallalary edýär. Watanymyzyň daýanjy we söýenji bolan, nurly ertirlere maksat tutan ýaş nesiller barada edilýän aladalar hormatly Prezidentimiziň esasy üns merkezinde durýar. Häzirki wagtda ylym-



bilim ulgamynda täze belentlikler barha rowaçlanyp, ýaşlara döwrebap bilim we terbiýe bermek, okatmagyň täze usullaryny ösdürmek we mugallymçylyk tejribelerini has-da kämilleşdirmek, ýaş nesilleriň boş wagtlaryny manyly hem şadyýan geçirmekleri ugrunda dünýä nusgalyk işler alnyp barylýar. Hormatly Prezidentimiz öz çykyşlarynda ylymly-bilimli, watansöýüji kämil şahsyýetleri kemala getirip, ýaş nesilleriň aň we bilim taýdan döwür bilen aýakdaş gitmelidigini aýratyn belläp geçýär. Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde açylyp ulanylmaga berilýän dünýä ülňülerine laýyk gelýän, kämil tehnologiýalar bilen üpjün edilen, giň we ýagty otagly ak mekdepleriň we çagalar baglarynyň, sport we sagaldyş dynç alyş merkezleriniň sanynyň barha artmagy ýaşlar barada edilýän aladanyň çäksizdigini subut edýär. Bu edilýän işler bolsa ýurdumyzda ylym-bilim özgertmeleriniň barha rowaçlanmagyna getirýär. Häzirki wagtda döwrebap ak mekdeplerde hormatly Prezidentimiziň «Bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky» Kararynda öňe sürülýän pikirlerden ugur alnyp, çagalara sapaklarda çeper eserleri labyzly okatmak, goşgulary ýatdan aýtdyrmak, okalan eserler boýunça sorag-jogap alyşmak, surat boýunça işlemek, söz düzümleriniň üstünde işlemek ýaly işleri geçirmek arkaly birnäçe işler alnyp barylýar. ■ 2



### Syýahatçylaryň sany artýar

Türkiýäniň günorta-gündogaryndaky Şanlyurfa welaýatynda ýerleşýän Göbeklitepe ybadathana toplumyna 2019-njy ýylda syýahatçylar üçin açylandan bäri 2,5 milliondan gowrak adam baryp gördi. ■ 4



### Hereketsizligiň 5 alamaty

Hereket sagdynlygyň gözbaşy bolup, bedeni dürli zyýanly täsirlerden goraýar. Günüň dowamynda her kim saglyk, iş we ýaşaýyş şertine görä, uzak hem-de az wagtlyk hereket edip biler. ■ 5



### 6-njy tapgyrda ýer eýeleri öňe saýlandy

Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 6-njy tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Geçirilen 4 duşuşygyň 3-sinde ýer eýeleri, 1-inde bolsa myhmançylykdaky topar ýeňiş gazandy. ■ 7



### Çärýek finalyň 1-nji duşuşyklary: 4 oýunda 18 gol

UEFA Çempionlar Ligasynda çärýek finalyň 1-nji duşuşyklary geçirildi. Yklymyň belli şäherlerinde – Madriddir Londonda hem-de Parižde oýnalan 4 duşuşykda 18 gol hasaba alyndy. ■ 8

# Çip önümçiligi üçin goldaw berer

ABŞ-nyň Tehas ştatynda «Samsung» kompaniýasynyň gurjak çip zawody üçin 6,6 milliard dollarlyk goldaw berler. ABŞ ýurtdaky ýarymgeçiriji önümçiligini artdyrmak üçin hususy kompaniýalara dürli ýeňillikleri hödürleýär. Ýurduň Söwda ministrligi koreý kompaniýasynyň 2021-nji ýylda Tehasda zawod gurjakdygyny yglan edendigini belleýär. Taslamanyň umumy bahasy 17 milliard dollar bolup,



onuň çäklerinde çip önümçilik zawodlary, gaplaýjy desga we nou-hau merkezini öz içine alýan iri toplum bolar. «Samsung» maliýe goldawyny alandan soňra bu ýurtdaky maýa goýumynyň möçberini 44 milliard dollara çenli artdyrmagy meýilleşdirýär.

Şeýle hem merkezi edarasy Taýwanda ýerleşýän TSMC kompaniýasyna hem maliýe goldawy berler. Çip önümçiliginde dünýäniň öňdebaryjy kompaniýasy bolan TSMC-niň Arizonada üç zawody bolup, 5G/6G smartfonlar, özbaşdak hereket edýän ulaglar we emeli aň merkezleri üçin ýokary tehnologiýa çiplerini öndürer.

**Aksona GURBANMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

# «Google» gözleglerinde emeli aňdan peýdalanýar

«Google» Beýik Britaniýada internet gözleglerinde emeli aň tehnologiýasyndan peýdalanyp başlady. Synag maksady bilen ýola goýlan bu tehnologiýada emeli aň ulanyja gözleýän zadynyň ilki mazmunyny hödürleýär. Internet saýtlary bolsa,




bu tehnologiýanyň ulanyjylarynyň sanyny azaldyp biljekdigine ünsi çekýärler. Geçen ýyl «Google» ABŞ-da hem bu tehnologiýany synagdan geçiripdi. Emeli aň ulanyja emeli aň tarapyndan taýýarlanan umumy düşünje berer.

«Search Generative Experience» atly bu aýratynlyk bir ýyldan bäri ABŞ-da ulanylýar. Emma ondan diňe «Google Labs» arkaly ýazylan ulanyjylar peýdalanyp bilýärler. «Google»-yň geljekde diňe tölegli abunaçylaryna şeýle hyzmaty hödürlemegi maksat edinýändigi bellenilýär. Şeýle hem «Google» mahabatsyz gözlegi hödürlemek üçin hem işleýär.

**Didar ATABERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Kömür beketleri azalar, howa arassalanar

Dünýäde 2040-njy ýyla çenli umumy önümçilik kuwwaty 296 müň 713 megawat bolan kömür beketleriniň ýapylmagyna garaşylýar. Şeýlelikde, 1,4 milliard tonna uglerodyň howa goýberilmeginiň öňi alnar. Bu barada «Global Energy Monitor» (GEM) jemgyýetçilik guramasy habar berýär.



Häzirki wagtda dünýäde 75 ýurtda 2 müň 440 kömür bekedi işleýär. Bu beketleriň önümçilik kuwwaty 2 million 130 müň 119 megawata ýetip, olar her ýylda 10 milliard tonna uglerod bölüp çykarýar. Kömür beketleriniň 78,3 göterimi Aziýada, 10,4 göterimi Amerikada, 7,8 göterimi Ýewropada ýerleşýär. Ýurtlar babatda aýdylanda Hytaý öňdeligi eýeläp, bu ýerdäki kömür beketleriniň önümçilik kuwwaty 1 million 136 müň 731 megawata ýetýär. Ikinji ýeri Hindistan (237 müň 148 megawat), üçünji orny ABŞ (200 müň 90 megawat) eýeleýär.

**Döwran BEGGYLYJOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# GDA-nyň medeni paýtagty

Özbegistanyň Samarkant şäherine «2024-nji ýylda GDA-nyň medeni paýtagty» diýen at berildi. Medeni çäräniň açylyş dabarasy Hamid Alimjan adyndaky Samarkandyň sazly drama teatrynda geçirildi. Şeýlelikde, 2024-nji ýylda Samarkant şäheri



GDA ýurtlarynyň medeniýet we sungat işgärleriniň üns merkezine öwrüler. Maksatnamanyň çäklerinde döredijilik duşuşyklary, gastrollar, alymlaryň we türgenleriň çykyşlary, wernisažlar we sergiler meýilleşdirilýär.

Samarkant GDA-nyň medeni paýtagty estafetasyny Sankt-Peterburgdan kabul etdi. «Arkalaşygyň medeni paýtagtlary» maksatnamasy 2010-njy ýyldan bäri durmuşa geçirilýär, her ýyl bu hormatly at GDA-nyň düzümindäki şäherleriň birine berilýär.

**Baýrammuhammet GOŞUNOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

# Parlament diplomatiýasy täze derejä çykýar

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Kanun çykaryjy edaralaryň hyzmatdaşlygynda gazanylan üstünlikler we toplanan tejribe parlament diplomatiýasynyň ägirt uly mümkinçilikleriniň bardygyna şaýatlyk edýär.

Mundan başga-da, ýaňy-ýakynda Gruziýanyň Parlamentiniň Başlygy Şalwa Papuaşwiliniň ýurdumyza sapary boldy. Bu saparyň barşynda geçirilen duşuşyklarda hem parlament diplomatiýasynyň ähmiýeti bellenildi.

Umuman, Türkmenistan halkara parlament guramalary, şol sanda Parlamentara Bileleşik, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Parlamentara Assambleýasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Parlamentara Assambleýasy bilen hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýär. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde parlamentara hyzmatdaşlygyň täze gurallary işlenip taýýarlandy. Häzirki wagtda ýurdumyzda parlamentara hyzmatdaşlygy ösdürmekde goňşy döwletleriň wekilçilikli edaralary bilen gatnaşyklary ýola goýmaga we ösdürmäge uly üns berilýär. Şunda Russiýa Federasiýasy, Täjigistan Respublikasy, Özbegistan Respublikasy, Gazagystan Respublikasy we Gyrgyz Respublikasy bilen gatnaşyklar has-da pugtalandyryldy.

Häzirki döwürde ykdysady, syýasy we medeni ulgamlarda özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar, ýurdumyzda, şol sanda halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde işleri alyp barmak üçin has amatly hukuk şertleriniň döredilmegine aýratyn üns berilýär.



Halkara hyzmatdaşlygy, aýratyn-da, parlamentara gatnaşyklary ösdürmegiň çäklerinde ýurdumyzyň dünýä döwletleriniň parlamentleriniň 46-sy bilen ikitaraplaýyn esasda döredilen parlamentara dostluk toparlarynyň işi döwrebap derejede ösdürilýär.

**Seýran TAÝJANOW,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň talyby.*

# Ylym-bilim adamzadyň bezegidir

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hormatly Prezidentimiziň bilim ulgamyny kämilleşdirmekde döredip berýän giň mümkinçilikleri biz ýaş mugallymlary has-da joşgunly işlemäge ruhlandyrýar. Biz mugallymlar ýaşlara döwrebap bilim we terbiýe bermek bilen bir hatarda türkmen diliniň aýratynlyklaryny, sözleýiş medeniýetini çuňlaşdyryp öwredýäris. Çagalara edebi dilimizde sada we düşnükli geplemegi, türkmen diliniň gurluş aýratynlygyny düýpli öwredýäris. Şeýle-de, çagalara sözleýiş dilini ösdürmegiň usulyny, ýazyjy-şahyrlaryň goşgularyny, nakyllary, matallary, tapmaçalary we ertekileri öwredip, çeper eserlere we kitaba bolan söýgini has-da artdyrýarys. Halkymyz hemişe kitaby gymmatlyk, mukaddeslik hökmünde eý görýär. Şonuň üçin hem biz mugallymlar çagalarda kitaby köp okamak endiklerini ösdürýäris. Olara kitaplar bilen baglanyşykly atalar sözlerini düşündirýäris, rowaýatlary yzygiderli gürrüň berýäris. Çagalar «Kitap eneň-ataň ýaly terbiýeçidir», «Kitap okanyň ruhy baý», «Kitap iň ýakyn dostuňdyr» diýen parasatly sözlere eýerip, kitabyň gymmatynyň nä derejede beýikdigine göz ýetirýärler. Şeýle ýörelgelerde biz mugallymlar milli Liderimiz Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň her bir sözi dürdäneli, akyl-paýhasa ýugrulan kitaplaryndan peýdalanýarys. Her günki sapaklarymyzda «Paýhas çeşmesi» kitabyndan nakyllardyr atalar sözlerini mysal getirip, çagalara edepli-ekramly bolmagy, Watany, il-halky söýmegi, ula hormat goýmagy ündeýäris.

Okuwçylar Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkymyza peşgeş beren kitaplaryny ürç edip okaýarlar. Taryhyň ähli döwürlerinde-de beýik-beýik işler ylmyň we bilimiň güýji bilen amala aşyrylypdyr. Ylym-bilim durmuşy ýagtylandyrýan şuglasy öçmejek ýşykdyr. Bagtyýarlyk döwrümizde ýaşlary ýaşaýşyň baýdagyna deňeýän hormatly



Prezidentimiziň saýasynda döredilýän giň mümkinçilikler ýaşlary zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar. Ýurdumyzda ylymly-bilimli, watansöýüji kämil şahsyýetleri kemala getirmekde beýik özgertmeleri amala aşyrýan hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli alyp barýan işleri rowaçlyklara beslensin!

**Mähri MÄMMETDURDYÝEWA,**
*Mary şäherindäki 24-nji zehinli ýaşlar mekdebiniň mugallymy, TDP-niň işjeň agzasy.*

# Änew – gadymy mekan

Döwletimiziň toý-baýramlary bu ýyl hem goşa-goşadan gelýär. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip atlandyrylan üstümizdäki ýylda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny halkara derejesinde dabaraly belleýäris. Gadymy Änew şäheri 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edildi. Bular, hakykatdan hem, tutuş dünýäniň ünsüni özüne çekýän wakalardyr.

TÜRKSOÝ halkara guramasy tarapyndan Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi, bu topragyň dünýä derejesinde belli açyşlaryň mekany bolandygyndan habar berýär. Taryhda «Änew medeniýeti» ady bilen belli bolan bu gadymy mekanda dürli döwürlere degişli tapyndylar bilermenleriň ünsüni özüne çekýär. Sebäbi olar özboluşly hem-de gaýtalanmajak çeperçiligi bilen görenleri haýrana goýýar.

Änew medeniýetiniň gadymy taryhyny hormatly Prezidentimiziň golaýda halkymyza peşgeş eden «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly ajaýyp kitabyndaky: «Änew irki eýýamlardan bäri adamzat ýaşaýşynyň, esasanam, ekerançylyk, daýhançylyk medeniýetiniň ilkinji dörän hem-de ösen merkez-



leriniň biri bolup durýar» diýen jümle-de subut edýär.

Dünýäniň ekerançylyk medeniýetiniň mekany bolan Änew şäheriniň gadymylygyndan, beýikliginden, häzirki wagtda ýurdumyzda taryhy-medeni ýadygärliklerimizi aýawly saklamak babatda durmuşa geçirilýän iri möçberli işlerden söz açýan täze kitap halkymyzyň buýsanjyny artdyrdy.

Bilşimiz ýaly, ýakynda gadymy Änew topragynda täze metjidiň açylyşy boldy. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz metjidi taryhda şu toprak, sebit üçin wajyp orny bolan ýadygärligiň we ata-babalarymyzyň hormatyna Seýit Jemaleddin diýip atlandyrmak barada döwletli teklibi orta atdy. Halkymyz tarapyndan tüýs ýürekden goldanan bu teklip taryhy kökler bilen şu günüň ruhy birligini, dowamat-dowamlylygyny alamatlandyrdy. Bu wakada Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Änew ýaly gadymy mekany, Magtymguly Pyragy ýaly akyldary, ussat şahyry bolan halkyň medeniýetiniň adamzat medeniýetiniň ösüşlerinde uly paýynyň bardygy ikuçsyz hakykatdyr. Biz öz taryhymyza guwanýarys. Şol taryhyň häzirki zamanyň ruhy-medeni gurşawynyň kemala gelmeginde düýpli esas bolýandygyny hem ynamly ykrar edýäris» diýen sözleri durmuş beýanyny tapýar.

Pederlerimiz tarapyndan döredilen Änew medeniýeti müňýyllyklaryň dowamynda kämilleşdirilip, nesillerden-nesillere geçirilip gelnipdir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň beýan edişi ýaly, gadymy Änew adamzat taryhyndaky möhüm merkezleriň biridir. Änew şäheri diňe taryhy bilen däl, eýsem, şu günki ajaýyplygy we uzak geljege gönügen beýik maksatlary bilenem dünýäniň ünsüni özüne çekip bilýär. Ýurdumyzyň ähli künjegi, şol sanda gadymy Ahal topragy hem beýik taryhy ösüşlere baýdyr.

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň iňlis dili we edebiýaty fakultetiniň mugallymy.*

# Wagtyň haýal geçýän adasy

Atlantik ummanyndaky Tenerife adasy uzak wagtdan bäri dünýäniň dürli künjeklerinden gelýän syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. Bu ýerdäki tebigatyň gözelligi we ýerleşýän ýeri adany gündelik durmuşyň aladalaryndan dynmak üçin kämil gonalga öwürýär. Şeýle-de bolsa, bu adada dynç alyşda bolanlar wagt hakda ajaýyp duýgulary paýlaşýarlar. Bu ýerde wagt göýä uzaýan ýaly, daş-töweregi gurşap alýan dünýä nähilidir bir görnüşde doňup galan ýaly duýgulary başdan geçirýärsiň.

Alymlar bu hadysany öwrendiler we munuň özboluşly grawitasion güýjüniň täsiri bilen ýüze çykýandygy barada netijä geldiler. Hut



şonuň üçin Tenerifede adamlar öz ömrüniň her minutyndan lezzet alyp, has asuda ýaşaýarlar. Bu ýerde wagt has haýal geçýär, munuň netijesinde ýerli ýaşaýjylar Ispaniýanyň ilatynyň ortaça ömür dowamlylygy bilen deňeşdirilende, birnäçe ýyla çenli ömrüniň dowamlylygyny «ýokarlandyrýarlar».

Wagtyň uzalmagy hadysasynyň tapmaçasyny çözmek dürli çaklamalaryň döremegine sebäp boldy. Käbir alymlar muny adanyň wulkan taýdan işjeň zolakda ýerleşmegi bilen baglanyşykly bolup biler diýip hasaplaýarlar. Şol sebäpli sebitde wagtyň tebigy akymynyň bozulmagyna sebäp bolýan geomagnit duralgalar emele gelýär. Beýlekiler munuň daşarky güýçleriň täsiri sebäpli bolup biljekdigini çaklaýarlar.

Şeýle-de bolsa, fiziki hadysa şübhelenýänler hem bar, olar muny diňe amatly howa, gowy ekologiýa we oňyn hoşallyk duýgusy bilen düşündirýärler. Olaryň pikiriçe, bularyň hemmesi adalylary bagtly edýär we ömürlerine ömür goşýar.

**Dawut AŞYRGELDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# Sanly ulgam – döwrebap şert

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary ýokary depginler bilen sanlylaşdyrylýar we innowasion ykdysadyýet kemala getirilýär. Diýarymyzda bu ugry ösdürmek boýunça onuň kanunçylyk binýady hem yzygiderli kämilleşdirilýär we maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Ýurdumyzda giňden ulanmak üçin birnäçe onlaýn hyzmatlar döredilendir. Internet ulgamyny ulanyjylaryň sanynyň artmagy bilen, sanly ulgamyň kämilleşmegi netijesinde olar üçin köp mümkinçilikler döredilýär, täze we peýdaly programma üpjünçilikler, web saýtlar taýýarlanylýar. Bularyň kömegi bilen, bildiriş goşmak arkaly haryt satmak, satyn almak, habarlary okamak, töleg tölemek ýaly birnäçe işleri ýerine ýetirmäge mümkinçilik açylýar.

Häzirki zaman şertlerinde dünýäniň ähli döwletlerinde, esasan-da, ykdysady taýdan ösen we ösýän ýurtlarda «sanly ykdysadyýet» diýen düşünjä aýratyn uly ähmiýet berilýär. Bu düşünje ykdysady we durmuş çäreleriniň ählumumy ulgamy bolmak bilen, internetiň mümkinçiliklerine daýanýan ykdysady nusgany aňladýar. Bu nusgada zähmet öndürijiliginiň artmagy, önümçilik harajatlarynyň peselmegi, bäsleşige ukyplylygyň ýokarlanmagy ýaly mümkinçilikler döreýär. Sarp edijileriň isleglerini has çalt we ýokary derejede kanagatlandyrylmagy



sanly ykdysadyýetiň esasy maksatlarynyň biridir. Sanly ulgamyň üstünlikli hereket etmegi üçin bolsa, internetiň elýeterliligi, programma üpjünçiligi, telearagatnaşyk, elektron işewürligi, hojalyk işini kompýuterleriň üsti bilen sanly görnüşde dolandyrmak hem-de elektron söwda hyzmatlarynyň internet arkaly ýerlenilmegi üstünlikli berjaý edilmelidir.

Milli ykdysadyýetimiziň pudaklary bilen bir hatarda, döwlet we hususy eýeçilik ulgamynda hem sanly ykdysadyýetiň ornaşdyrylmagynyň we ösdürilmeginiň örän uly ähmiýeti bardyr. Çünki döwlet we hususy eýeçilik ulgamynda sanly tehnologiýalaryň peýdalanylmagy degişli edara-kärhanalaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrýar, hyzmatlaryň hilini gowulandyrýar hem-de täze mümkinçilikleri döredýär. Bulardan başga-da, sanly ykdysadyýete geçmek önümçilikde hem-de hyzmatlar ulgamynda harajatlary peseltmäge, tutuş dünýäde bolup geçýän üýtgeşmelere çalt uýgunlaşmaga we çeýeligi ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

Umuman aýdanymyzda, sanly ulgam hakyky wagt ölçeginde gözegçilik, dolandyryş tehnologiýalaryny birleşdirmek we maglumatlaryň üznüksiz toplanylmagyny üpjün etmek bilen bir hatarda dogry netijeleri hem-de çözgütleri kabul etmäge giň şert döredýär.

**Mekan ATAÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# Sagdyn bolmak üçin maslahatlar



Sagdyn durmuş ýörelgesine eýeriň, zyýanly endiklerden daşda duruň we bu babatda ýaş nesillere hem-de ýetginjeklere görelde boluň! Günüň dowamynda kompýuterleri, smartfonlary we planşetleri ulananyňyzda arakesme ediň!

Işjeň hereketde bolup, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanyň!

Ýiti respirator ýokanç keselleriň öňüni almak üçin bedeniň kesele garşy durnuklylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, kadaly we sagdyn iýmitleniň! Witaminlere baý önümleri iýiň, arassaçylyk düzgünlerini berk berjaý ediň, pasla görä geýniň!

Antibiotik derman serişdelerini özbaşdak ulanmakdan saklanyň, keselleriň öňüni alyş sanjymlaryny öz wagtynda alyň! Ýiti respirator ýokanç keseliniň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutuň!

Gün şöhlesi dogry peýdalanylanda bedende D witamini emele gelýär, şonuň üçin Gün şöhlesinden ýerlikli peýdalanyň! Howanyň yssy günlerinde bolsa Günüň aşa ýiti şöhlesinden goranyň!

Zäherlenmeleriň öňüni almak maksady bilen, iýmit önümlerine bildirilýän arassaçylyk talaplaryny dogry berjaý ediň! Iýmit önümlerini ýaramlylyk möhletine seredip satyn alyň we öý şertlerinde talabalaýyk saklaň!

Ýürek-damar, dem alyş ýollarynyň, howply täze döremeleriň, endokrin, nerw, iýmit siňdiriş, böwrek we peşew çykaryş ulgamynyň, gulak, burun, bokurdak, diş we agyz boşlugynyň keselleriniň öňüni almak üçin saglyk barlaglaryndan geçiň! Geçirilýän saglyk barlaglary keselleriň öňüni almaga gönükdirilen iň möhüm çäreleriň biri bolup durýar.

Ýeriň magnit hadysasynyň we howanyň üýtgäp durmagyna duýgur adamlaryň, dowamly we ýürek-damar, nerw kesellerden ejir çekýän näsaglaryň howa maglumatlaryna we öz saglygyna ünsli bolmagy maslahat berilýär. Howanyň täsiri bilen saglygyň erbetleşmegi ýüze çykanda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutuň we lukmanyň beren maslahatyny doly hem-de dogry berjaý ediň!

Ruhy sagdynlygy goramak üçin nerw dartgynlylygyndan gaça duruň!

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

# 2024-nji ýylyň ilkinji Gün tutulmasy

Demirgazyk Amerikada ilkinji doly Gün tutulma hadysasy boldy. Bu täsin hadysa Meksikada, ABŞ-da we Kanadada millionlarça adam tomaşa etdi. Astronomik hadysany has gowy görmek üçin gara äýnek, teleskop we dürbi ýaly enjamlardan peýdalanyldy. Günüň doly



tutulmasy uzynlygy 6 müň 437 kilometr, ini 186 kilometr aralykda jemi 44 million ilatyň ýaşaýan ýerinde bolup geçdi. Meksikanyň Mazatlan şäherinde ýerli wagt bilen 11:07-de başlan hadysa ABŞ-nyň demirgazyk-gündogar tarapy bilen süýşüp, 17:16-da Kanadada tamamlandy.

Aýyň Ýer bilen Günüň arasyna girmegi netijesinde emele gelýän bu astronomik hadysa örän seýrek bolýar. Gün tutulyp başlanynda ýarym Aý şekilli bolýar. Aý Günüň öňüni doly ýapanynda ol halka şekilinde bolup görünýär. Hadysanyň bolup geçýän ugrunyň merkezinde Aý Günüň öňüni 4 minut 28 sekuntlap ýapdy.

**Gülsoltan AŞYRDURDYÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 76-njy orta mekdebiň müdiriniň okuw işleri boýunça orunbasary.*

# Elektrik energiýaly metrobus synagdan geçirilýär

**Stambulda elektrik energiýasy bilen işleýän metrobuslar synagdan geçirilip başlandy. Bu äpet awtobuslar dizel ýangyçly beýleki metrobuslara garanyňda energiýany 60 göterime çenli tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Uzynlygy 40 metr bolan 420 ýolagçy orunlyk bu ulaglar sessiz bolmagy bilen tapawutlanyp, şäheriň galmagalynyň hem azalmagyna getirer.**

**Elektrik energiýasy bilen işleýändigi sebäpli bu ulaglar howany hapalamaýar. Şäherde metrobuslar üçin ýörite ýollar bolup, elektrikli mertobuslar Beýlikdüzü etrabyndan Kadyköý etrabyna çenli 52 kilometrlik ýoluň ugrunda hereket eder. Bu ýoluň ugrunda hereket edýän metrobuslar her günde 1 million töweregi ýolagça hyzmat edýär. Ulagyň iki tarapynda hem sürüji kabinasy bolup, yzyna aýlanmaga zerurlyk duýmaýar.**

**Aýjeren HAÝYDOWA,**
***Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.***

# Ýeriň iň arassa howaly sebiti

Awstraliýanyň Manaşa uniwersitetiniň alymlary Ýeriň iň arassa howasynyň Antarktidanyň kenarlaryny ýuwýan Günorta ummanyň üstündäki atmosferadygyny ýüze çykardylar. Bu barada «Climate and Atmospheric Science» žurnalynda çap edilen barlaglarda bellenilýär. Alymlar hemra arkaly alnan atmosfera barlaglaryny doly seljerenlerinden soň, bu sebitiň howasynyň arassa bolmagynyň sebäbini, esasan, bu ýerde adam işjeňliginiň bolmazlygy, atmosferadaky zyýanly gazlary özüne siňdirýän fitoplanktonyň işjeňligi, aerozol bölejiklerini howadan ýuwup aýyrýan güýçli ýagşyň we garyň ýagmagy ýaly üç ýagdaý bilen baglanyşyklydygyny bellediler.

Günorta ummany Ýeriň iň bulutly sebitidir. Antarktidanyň üstündäki bulutlar özboluşly öýjükli gurluşa eýe bolup, şeýle öýjükleriň her biri adaty bulutlara garanyňda, alty esse köp ýagyş öndürmäge ukyplydyr.

**Serdar ANNAGURBANOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# Türki diline terjime edilen Gurhan tapyldy

**Golaýda gazagystanly bilermenler Angliýanyň Mançester şäherindäki Jon Raýlands kitaphanasynyň gaznalaryndan X-XII asyrlarda türki diline terjime edilen ilkinji Gurhany tapdylar. Bu barada «MIR 24» web saýty habar berdi. Bu gadymy golýazma türki-yslam medeniýeti üçin uly gymmatlykdyr. Alymlar munuň Ispijabda (häzirki Saýram şäheri), çen bilen, X-XII asyrlarda türki diline terjime edilen ilkinji Gurhan bolup biljekdigini çaklaýarlar. Hut şol wagtlar gadymy Garahanlylar taýpalary yslam dinini kabul edip başlapdylar.**

**Mundan başga-da, bilermenler Beýik Britaniýadan 15 sany gadymy golýazmanyň we 500 arhiw resminamasynyň nusgalaryny getirdiler. Bu tapyndylaryň ekspozisiýasy respublikanyň Milli golýazmalar we seýrek kitaplar merkezinde köpçülige hödürlener.**

**Jennet HALLYÝEWA,**
***S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.***

# Afrika yklymyny ylgap geçdi

27 ýaşly britaniýaly Rass Kuk dünýäde ilkinji bolup tutuş Afrika yklymyny ylgap geçdi. Ol 352 günlük syýahatyň dowamynda 16 müň kilometr aralygy geçmegi başardy.

Iňlis türgeni özüniň howply syýahatyny geçen ýylyň 22-nji aprelinde Afrikanyň iň günorta nokady Günorta Afrika Respublikasynyň Agulýas burnunda ýerleşýän L'Agullas obasyndan başlap, Tunisde tamamlady. Ol jeňňelliklerdir çöl-beýewanlary kesip geçdi, garaşylmadyk kynçylyklara sezewar boldy. Ol ilkibaşda bu aralygy 240 günde geçerin öýdýärdi, ýöne emele gelen ýagdaýlar bellenen wagtyň uzamagyna sebäp boldy.

Syýahatçy 16 ýurtda bolup, gaty ýadandygyny X jemgyýetçilik torunda ýazdy. Türgen bu syýahatyndan öň Stambuldan Wortinge çenli 68 günde 3 müň kilometr aralygy geçipdi.

**Altyn REJEPOWA,**
*Änew şäherindäki 1-nji orta mekdebiň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 12-si, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113773
Belgisi: 15/1581
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Taryha ser salýan gymmatly eser

Şu günler ýurdumyzyň dürli künjeginde hormatly Prezidentimiziň Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegine bagyşlap ýazan «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly täze kitabynyň tanyşdyrylyş dabaralary geçirilýär.

Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, bu kitabyň ýazylmagyna dünýä belli arheologlar, taryhçylar we olaryň nesilleri bilen bilelikde işleşmek bagty miýesser eden Gahryman Arkadagymyzyň beren gürrüňleri uly ýardam berdi. Olar ýurdumyzda ylmy gözlegleri, arheologik gazuw-agtaryş işlerini geçirip, köp sanly wajyp tapyndylary ýüze çykardylar we dünýä derejeli möhüm açyşlary etdiler. Bu giň gerimli işlere Änew medeniýetini ilkinjileriň biri bolup dünýä tanadan Rafael Pampelli, şeýle hem Wadim Masson, Wiktor Sarianidi we beýleki tanymal alymlar mynasyp goşantlaryny goşdular.



Hormatly Prezidentimiz kitabynda: «Bilýäniňi paýlaşdygyňça, bilelikde baýlaşýarsyň» diýip belleýär. Gadymy Änew adamzat taryhyndaky möhüm merkezleriň biridir. Änew şäheri diňe taryhy bilen däl, eýsem, şu günki ajaýyplygy we uzak geljege gönügen beýik maksatlary bilen hem dünýäniň ünsüni özüne çekýär.

Birnäçe bölümden ybarat «Gadymy Äнewiň täsinligi» atly bapda kökleri müňýyllyklara uzaýan şäheriň taryhy, binagärlik ýadygärlikleri barada gürrüň berilýär.

«Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitap köpöwüşginli fotosuratlar we şekillendiriş sungatynyň ussatlarynyň surat eserleri bilen bezelip, Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan ýokary çap usulynda neşir edilipdir. Türkmen, iňlis we rus dillerindäki bu kitap ýurdumyzyň, şol sanda daşary ýurtlaryň giň okyjylar köpçüliginiň ünsüni özüne çekýär.

«Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitapda ajaýyp pikir-garaýyşlaryň taryhy ýazuw çeşmeleri, arheologiýa, etnografiýa, edebiýat, paleografiýa, geografiýa ýaly ylymlaryň maglumatlarynyň halk hakydasynda orun alan rowaýatlardyr tymsallar bilen utgaşdyrylyp beýan edilmegi eseriň ähmiýetini has-da artdyrýar. Bu bolsa hormatly Prezidentimiziň halkymyzyň şöhratly taryhy baradaky çuňňur biliminden, giň gözýetiminden, ýiti zehininden habar berýär. Täze eseriň ýaş nesli watansöýüjilik ruhunda terbiýelemekde uly orna eýe boljakdygyny bellemek bolar. Täze kitapda Diýarymyzyň baý taryhy-medeni mirasynyň goralyp saklanmagyna gönükdirilen döwlet maksatnamalary barada getirilen anyk mysallaryň ýaşlar üçin ähmiýeti örän uludyr.

Şeýle gymmatly kitaby bilen halkymyzy begendirendigi üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarys. Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, tutumly işleri hemişe rowaç alsyn!

**Muhabbet DÖWLETOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# Bilim – ösüşleriň özeni

Täze taryhy döwrümizde ýurdumyzda bilim syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilip, ýaş nesillerimiziň döwrebap bilim-terbiýe almagy we innowasion tehnologiýalardan oňat baş çykarýan, giň gözýetimli hünärmenler bolup ýetişmegi ugrunda uly işler alnyp barylýar. Berkarar Watanymyzda döwrebap derejede enjamlaşdyrylan bilim-terbiýeçilik ojaklarynyň kaşaň binalarynyň yzygiderli gurlup ulanylmaga berilmegi, her ýylda ilkinji gezek ak mekdepleriň bosagasyndan ätleýän çagalara hormatly Prezidentimiziň adyndan kompýuterleriň sowgat edilmegi bilimli nesli kemala getirmek ugrundaky tagallalaryň güwäsidir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň 23-nji martda sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisiniň barşynda ýurdumyzyň umumybilim berýän orta mekdeplerine 2024-2025-nji okuw ýylynda 1-nji synpa okuwa kabul edilýän okuwçylara noutbuk kompýuterlerini sowgat bermek boýunça degişli resminama gol çekmegi bilim işgärlerini has-da buýsandyrdy. Hökümetiň şol mejlisinde bellenilişi ýaly, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda birinji synpa kabul edilmegine garaşylýan 155 müň 641 okuwçyny kompýuterler bilen üpjün etmek meýilleşdirilýär. Munuň özi ýurdumyzda ýaş nesliň bilimli, ähliltaraplaýyn ösen şahsyýetler bolup ýetişmegi ugrunda durmuşa geçirilýän işleriň rowaçlanýandygynyň nobatdaky dabaralanmasydyr.



Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynda: «Biz ýaşlara eziz Watanymyzyň geljegini gurujylar hökmünde garaýarys. Belent maksatlara ýetmekde ýurdumyzyň ýaş nesillerine aýratyn bil baglaýarys» diýip belleýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda ýaşlary hemmetaraplaýyn goldamak, olaryň mümkinçiliklerini ösdürmek, bu ulgamda kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça yzygiderli çäreler durmuşa geçirilýär. Mekdep mugallymlary, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, bilim ulgamynyň beýleki hünärmenleri daşary ýurtlaryň bilim ojaklarynda tejribe-okuw sapaklaryny geçýärler. Bilim işine dünýä ülňüleriniň ornaşdyrylmagy bilen baglylykda, ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasy bilen ynsanperwer ulgamda hyzmatdaşlygy barha giňeldýär. Munuň özi Türkmenistanda ösüp gelýän nesilleriň ukyp-başarnyklaryny açyp görkezmekleri, dünýä ylmyna çuňňur aralaşmaklary, zähmete höwesini artdyrmaklary babatda möhüm ähmiýetli başlangyçdyr.

Berkarar Watanymyzda ýaşlar hakynda edilýän aladalardan ugur alnyp, olaryň aňynda watançylyk ýaly ýokary ahlak häsiýetleri terbiýelemek, Watana wepaly, edepli, ruhubelent we sagdyn bedenli bolup kemala gelmegini gazanmak maksady bilen geçirilýän wagyz-nesihat, düşündiriş işleriniň uly ähmiýeti bar. Ýokary okuw mekdeplerinde geçirilýän duşuşyklarda ýaşlary bezeýän oňat gylyk-häsiýetler, watansöýüjilik, şeýle-de milli edep-terbiýe kadalary dogrusynda täsirli gürrüň edilýär, sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermek, ýaramaz endiklerden daşda durmak boýunça öwüt-ündewler aýdylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly kitabynda belleýşi ýaly, iň gymmatly miras terbiýedir, terbiýäniň özeni bolsa ylym-bilimdir, ol ynsany belentliklere göterýär. Biz hem kämil nesiller bolup ýetişmek bilen, ähli güýçlerimizi, bilimdir başarnyklarymyzy Watanymyzyň ösüşlerine, Ýer ýüzündäki şan-şöhratynyň has-da belende galmagyna bagyş ederis. Goý, ýaşlara uly ynam bildirip, olaryň bagtyýarlygy ugrunda taýsyz tagalla edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli işleri rowaç bolsun!

**Mahym HUSEÝNOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Halkara informatika olimpiadasy geçiriler

**Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýurdumyzda döwrebap ýokary okuw mekdepleriniň sany artýar, maddy-enjamlaýyn binýady berkidilýär, milli bilim ulgamynyň kanunçylyk binýady kämilleşdirilýär, çalt depginler bilen ösýän sanly ykdysadyýetiň zerurlyklary nazara alnyp, täze hünär okuwlary girizilýär, okuw meýilnamalary, okuw maksatnamalary döwrebaplaşdyrylýar, bilim bermegiň innowasion usullary okuw işine ornaşdyrylýar. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri tarapyndan dünýäniň abraýly ýokary okuw mekdepleri, ylym-bilim merkezleri bilen hyzmatdaşlyk has-da ýaýbaňlandyrylýar.**

«Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2023 – 2030-njy ýyllar üçin strategiýasynda», şeýle hem bilim ulgamy boýunça kabul edilen konsepsiýalarda kesgitlenen wezipeleri durmuşa geçirmek maksady bilen, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde halkara olimpiadalarynyň birnäçesini geçirmek meýilleşdirilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabryndaky 340 belgili Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyna» we ony durmuşa geçirmegiň Meýilnamasyna laýyklykda, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim ulgamynda innowasiýalary ornaşdyrmak, şeýle hem bilimiň hiline garaşsyz monitoringi amala aşyrmak maksady bilen, ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda II Açyk halkara informatika olimpiadasyny geçirmek bellenildi.

Ýurdumyzyň milli bilim ulgamynyň dünýäniň ylym-bilim giňişligine sazlaşykly goşulýan döwründe esasy wezipe hökmünde Watana, halkymyza, Türkmenistanyň Prezidentine wepaly, watansöýüji, zähmetsöýer, ylymly-bilimli, zehinli, başarjaň we özbaşdak işlemäge ukyply ýaşlary ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda II Açyk halkara informatika olimpiadasynyň geçirilmegi Türkmenistanda sanly bilim ulgamynyň durmuşa geçirilýändigini we ýaşlarymyzyň innowasion tehnologiýalardan baş çykarýandygyny görkezer. Şeýle hem Açyk halkara olimpiadalaryň geçirilmegi, ýurdumyzyň okgunly ösýän bazar ykdysadyýetinde halkara derejeli hünärmenleri taýýarlamaga berilýän aladanyň netijesidir.

Olimpiada Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetinde geçirilýär. Olimpiadanyň resmi iş dilleri – türkmen, rus we iňlis dilleri bolup, 15-nji aprelden 20-nji aprel aralygynda geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Olimpiada 14 ýurtdan 50-den gowrak uniwersitetiň wekilleriniň gatnaşmagyna garaşylýar. Gatnaşjak uniwersitetleriň her biri programmirlemek arkaly çözülen 3-den köp bolmadyk meseläni hödürläp bilýärler. Bu bäsleşige Azerbaýjan, Belarus, Ermenistan, Eýran, Gazagystan, Germaniýa, Gruziýa, Gyrgyzystan, Katar, Liwiýa, Hytaý, Özbegistan, Rumyniýa, Russiýa, Täjigistan, Türkiýe we Owganystan ýaly döwletlerden talyplaryň gatnaşmagyna garaşylýar.

Mundan başga-da, olimpiada gatnaşýan talyp ýaşlaryň arasynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe talyp ýaşlaryň ylmy garaýyşlary» atly halkara ylmy-amaly maslahatyny we sergini geçirmek göz öňünde tutulýar. Olimpiada Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçiriler. Olimpiada islendik hünärde we ugurda hünärmen, bakalawr we magistr maksatnamalary boýunça okaýan talyplar gatnaşyp bilerler.

Bu halkara çäreler dünýäniň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň we mugallymlarynyň arasynda dostlukly gatnaşyklary berkitmäge we ylym-bilim ulgamynda özara bähbitli tejribe alyşmaga ýardam berer.

Şeýle bäsleşikleriň geçirilmegi ýurdumyzyň halkara ylym we bilim giňişligindäki ornuny pugtalandyrmak bilen birlikde, Watanymyzyň geljegini gurujylar bolan ýaşlaryň öňdebaryjy ylymlara we bilimlere höwesini has-da artdyrýar, özara tejribeleriň alşylmagyna ýardam edýär. Şeýle hem munuň özi häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýaşlaryň ylymly-bilimli, sagdyn we giň düşünjeli bolup ýetişmekleri ugrunda uly işleriň durmuşa geçirilýändiginiň subutnamasy bolup durýar.

Türkmen ýaşlarynyň döwrebap bilim almagy, kämil hünärmenler bolup ýetişmegi üçin ähli mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun!

**Gunça BAZAROWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# Türkmen-täjik gatnaşyklary täze döwre gadam basýar

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiz üçin ösüş-özgerişleriň zamanasydyr. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňe süren «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygaryna eýerýän türkmen halky Watanymyzy mundan beýläk-de ösdürmekde tutanýerli zähmet çekýär.**

Şeýle ösüş depgininiň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýlip yglan edilen üstümizdäki ýylda-da dowam edýändigi belent sepgitleriň kepilidir. Ýurdumyzyň halk hojalygynyň ähli pudaklary bilen birlikde halkara hyzmatdaşlygyna hem aýratyn ähmiýet berilýär. Muňa Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşary ýurt döwletlerine amala aşyran resmi we iş saparlary aýdyňlygy bilen mysaldyr.



Ýaňy-ýakynda Gahryman Arkadagymyzyň Täjigistan Respublikasyna amala aşyran sapary uly üstünliklere beslenip, iki doganlyk döwletiň arasyndaky hyzmatdaşlykda täze sahypalary açdy. Bu saparyň barşynda birnäçe ýokary derejedäki duşuşyklar geçirildi we olaryň jemleri boýunça birnäçe resminamalara gol çekildi. Duşuşygyň dowamynda döwrüň talaplary bilen baglylykda, Türkmenistanyň we Täjigistanyň milli ykdysadyýetleriniň ileri tutulýan ugurlaryny nazara almak bilen, döwletara gatnaşyklaryň möhüm ugurlaryny anyklaşdyryp, dürli ulgamlarda hyzmatdaşlyga hil taýdan täze itergi bermegiň möhümdigi bellendi.

Haryt dolanyşygynyň möçberini artdyrmak maksady bilen, söwda gatnaşyklarynda taraplaryň mümkinçiliklerinden has doly peýdalanmagyň zerurdygyna aýratyn üns berildi. Şunuň bilen birlikde, Söwda-ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki hökümetara toparyň hem-de Türkmen-täjik işewürler geňeşiniň işini işjeňleşdirmegiň zerurdygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, haryt dolanyşygynyň möçberiniň artdyrylmagyny we diwersifikasiýalaşdyrylmagyny, şol sanda ony hususy kompaniýalaryň, işewür toparlaryň arasynda göni gatnaşyklaryň ösdürilmegine ýardam etmek arkaly üpjün etmek maksady bilen, iki döwletiň paýtagtlarynda söwda öýlerini açmak boýunça taslamany durmuşa geçirmek babatda netijeli ädimleri ätmegiň zerurdygy aýdyldy.

Energetika, ulag-kommunikasiýalar, senagat, oba hojalygy ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň esasy ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Gepleşikleriň dowamynda ekologiýa meselesine aýratyn üns berildi. Hususan-da, türkmen halkynyň Milli Lideri we Prezident Emomali Rahmon Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň zerurdygyny nygtadylar. Bu gazna esasy sebitleýin düzüm bolmak bilen, onuň işi Aralýaka sebitde ekologiýa we durmuş-ykdysady ýagdaýy gowulandyrmak babatda hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilendir.

Hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynyň biri hökmünde energetika ulgamy hökmünde kesgitlenip, bu babatda türkmen elektrik energiýasyny we tebigy gazyny Özbegistanyň üsti bilen Täjigistana ibermek meseleleri boýunça pikir alşyldy. Gahryman Arkadagymyz energetika pudagyndaky gatnaşyklary dikeltmäge we ony yzygiderli esasda amala aşyrmaga, elektrik energiýasyny, tebigy gazy ibermegiň tehniki, guramaçylyk we beýleki meselelerini jikme-jik ara alyp maslahatlaşmaga taýýardygyny tassyklady. Şunda, zerur bolan halatynda, özbek tarapynyň bilermenleriniň hem gatnaşmagynda üçtaraplaýyn duşuşygy guramak maksadalaýyk hasaplandy.

Iki ýurduň halklarynyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmak üçin Türkmenistanyň we Täjigistanyň bilim, ylym, medeniýet, saglygy goraýyş, bedenterbiýe, sport ulgamlarynda hyzmatdaşlygy giňeltmäge taýýardyklary tassyklanyldy.

**Döwletgeldi ÇARYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Gündogaryň beýik akyldary barada film

**Halkymyz şygryýet äleminiň ägirdi Magtymguly Pyragynyň döredijiligine uly sarpa goýýar. Türkmeniň beýik akyldar şahyry Magtymguly Pyragy durmuşyň dürli taraplary barada ajaýyp şygyrlary döretmek bilen, baý edebi mirasy galdyrdy. Täze taryhy döwürde hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen akyldar şahyrymyzyň edebiýatyň altyn hazynasyna giren gymmatly edebi mirasy alymlar tarapyndan öwrenilýär.**

Şahyryň ömri, durmuşy, ýaşan döwri, döredijiligi hakynda ençeme ylmy işler ýazyldy, kitaplar çap edildi. Alymlar şahyryň goşgularyna ýüzlenip, şol goşgular esasynda öz garaýyşlaryny beýan etdiler. Türkmen edebiýatynyň nusgawy şahyry Magtymguly Pyragy diňe bir çeper eserlerdir ylmy işlerde däl-de, şekillendiriş sungatynda hem öz mynasyp ornuny tapdy. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň heýkeli dünýäniň birnäçe ýurdunda goýuldy. Bu bolsa türkmen akyldaryna goýulýan uly hormatyň aýdyň nyşanydyr.

Gahryman Arkadagymyz «Her bir halkyň beýikligi onuň öňe çykaran, dünýä beren şahsyýetleriniň beýikligine barabar bolýar. Köňülleriň we döwürleriň şahyry, adamzadyň iň gözel, iň tämiz duýgularynyň aýdymçysy Magtymguly Pyragy türkmen halkynyň ruhy beýikligidir. Beýik şahyryň bize goýup giden mirasy özboluşly terbiýe mekdebidir» diýip bellemek bilen, şahyryň döredijiligine, edebi mirasyna uly sarpa goýýar.

Magtymguly Pyragynyň arzuwlan berkarar döwletinde ýaşamak, taryhy wakalara, beýik ösüşlere şaýat bolmak, döwletli işlere goşant goşmak tükeniksiz bagtyýarlykdan nyşandyr. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň edebi hazynasynda Magtymguly Pyragynyň goşgularynyň 300-e golaý golýazma nusgalary saklanyp, şahyryň ömri we döredijiligini ylmy taýdan öwrenmekde önjeýli işler alnyp barylýar. Şol golýazmalaryň 80-e golaýy Magtymgulynyň bitewi diwanydyr.

Ýakynda Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň wekiliýeti Hindistanda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyraga bagyşlanan täze dokumental filmi surata düşürer. Bu filmde türkmen halkynyň beýik şahyrynyň döredijilik gymmatlyklary açylyp görkeziler. Dokumental



film Hindistanyň Deli şäheriniň birnäçe ýerinde, esasan hem, Magtymguly Pyragynyň hem-de Baýram hanyň gezen ýerlerinde surata düşüriler. Şeýle hem Hindistanyň milli kitaphanasynda hindi alymlary bilen söhbetdeşlikler guralar, türkmen we hindi medeniýetiniň umumylyklary açylyp görkeziler.

Magtymguly Pyragynyň medeni mirasynyň giňden wagyz edilmegi, ebedileşdirilmegi ugrunda uly tagalla edýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza bagtdan paýly ildeşlerimiziň alkyşlary çäksizdir.

**Sapagül GELDIÝEWA,**
*Türkmenbaşy şäherindäki ýöriteleşdirilen 8-nji orta mekdebiň türkmen dili we edebiýaty mugallymy.*

# Täze metjitler – Oraza aýynyň ýalkymy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda mübärek Oraza aýynyň mukaddes Gadyr gijesi mynasybetli ýurdumyzyň Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynda täze gurlan metjitler açylyp ulanmaga berildi. Şol metjitlerde we ýakynda milli Liderimiziň gatnaşmagynda Änew şäherinde açylan täze Seýit Jemaleddin metjidinde berlen agzaçar sadakalarynda milli Liderimiziň we hormatly Prezidentimiziň janynyň sag, ömrüniň uzak, belent maksatly tutumlarynyň rowaç bolmagy, döwletimiziň abadançylygy, asudalygy, halkymyzyň bagtyýarlygy üçin dileg edilip, aýat-töwirler okaldy.

Kenarýaka Hazar şäherçesinde gurlan «Hazar» diýlip atlandyrylan täze metjit Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy «Aga gurluşyk» hususy kärhanasynyň gurluşykçylary tarapyndan bina edilip, metjidiň merkezi gümmeziniň depesinde altyn çaýylan Aýyň şekili bar. Haşamlanyp timarlanan minaralar ymarata yslam medeniýeti üçin häsiýetli bolan özboluşly gözellik çaýýar.





Bir wagtda 500 adamyň namaza durmagy üçin ähli mümkinçilikler döredilen binanyň içki bezeginde deňiz tolkunlary, balyk teňňeleri şekillendirilipdir.

Daşoguz welaýatynyň Ruhubelent etrabynyň merkezinde gurlan täze metjit «Ruhubelent» diýlip atlandyryldy. Onuň 3 gektara barabar umumy meýdanynyň çäginde 300 adamyň namaz okamagyna niýetlenen belent başly bina, şonça orunlyk sadaka jaýy ýerleşýär. Metjidiň gurluşyk işlerini «Dowamat» hojalyk jemgyýetiniň işçi-hünärmenleri alyp bardylar.

Lebap welaýatynyň Hojambaz etrabynyň Döwletli şäherçesinde açylan 300 orunlyk metjidiň gurluşygyny «Mizemez» hususy kärhanasynyň gurluşykçylary ýerine ýetirdiler. Halk köpçüliginden gelen teklipler we ýaşulularyň oňlamagy bilen, Jeýhun ýakasyndaky sebitde gurlan täze metjit «Jeýhun» diýlip atlandyryldy.

Jemi 3 gektar meýdany eýeleýän toplumda metjidiň tutýan meýdany 1 müň 194 inedördül metre barabardyr.

Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň Şatlyk şäherçesinde «Röwşen» hususy kärhanasynyň binagärleri tarapyndan gurlan 300 orunlyk dini ymarata welaýatyň ýaşaýjylarynyň, ýaşuly nesliň wekilleriniň isleg-arzuwlary, teklipleri esasynda «Merw» diýlip at berildi.

Soňky ýyllarda ýurdumyzyň beýleki welaýatlarynda-da döwrebap baş metjitler gurlup ulanmaga berildi. Sebitleriň baş metjitleriniň ilki Mary welaýatynda açylyp ulanmaga berlendigini bellemeli. Bu asylly işler ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda netijeli dowam etdirildi. Ajaýyp binalaryň hatarynda Daşoguz welaýatynda-da häzirki zamanyň ruhuna we milli binagärlik ýörelgelerine laýyk gelýän metjit guruldy. Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde gurlan baş metjit hem şäheriň binagärlik keşbi bilen bir bitewi sazlaşygy emele getirdi. Balkan welaýatynyň merkezi Balkanabat şäherinde-de milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesiniň utgaşmagynda bina edilen welaýatyň baş metjidi ulanmaga berildi.

Aşgabat şäherinde Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen paýtagtymyzyň «Parahat-7» ýaşaýyş toplumynda Hezreti Omar metjidiniň açylyp ulanmaga berilmegi bu ugurda alnyp barlan işleriň hatarynda mynasyp orun eýeledi. Häzirki wagtda Arkadag şäherinde hem döwrebap metjidiň gurluşygy alnyp barylýar.

**Şemşat KLIÇOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# Türkmenistan – sport ýurdy

**Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzda sport we bedenterbiýe ulgamynyň binýady yzygiderli pugtalandyrylýar. Netijede, köpçülikleýin bedenterbiýe, sport-sagaldyş hereketi giň gerime we uzak möhletleýin umumymilli maksatnama häsiýetine eýe boldy.**

Asylly däbe görä, 7-nji aprelde Bütindünýä saglyk güni mynasybetli ýurdumyzda şatlyk-şowhuna beslenen medeni we köpçülikleýin sport çäreleri uly ruhubelentlik bilen geçirildi. Şol gün ýurdumyzyň dürli künjeginde welosipedli ýöriş guraldy.

Şeýle hem şol gün halkara sport ýaryşlarynda ýurdumyzyň abraýyny belende galdyran türgenlerimizi



sarpalamak dabarasy geçirildi. Olimpiýa şäherçesiniň «Başa-baş söweş sungaty» sport toplumynda halkara ýaryşlarda üstünlikli çykyş edip, altyn medallary gazanan türgenleri sylaglamak dabarasy boldy. Olara hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň adyndan sowgatlar, şeýle hem döwlet Baştutanymyzyň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitaby gowşuryldy. Ýeri gelende bellesek, 25-nji fewral – 8-nji mart aralygynda BAE-niň Dubaý şäherinde para-pauerlifting boýunça Dünýä kubogy ugrunda geçirilen ýaryşlarda Türkmenistanyň adyndan wekilçilik eden türgenler ilkinji bolup sahna çagyryldy. Para-pauerlifting daýanç-hereket ulgamlaryndan ejir çekýän türgenler üçin niýetlenen sportuň paralimpiýa görnüşi bolup durýar.

7–10-njy fewralda Minsk şäherinde sambo we söweş sambosy boýunça Belarus Respublikasynyň Prezidentiniň Kubogyny almak ugrundaky, şeýle hem 21–24-nji martda Russiýa Federasiýasynyň Moskwa şäherinde «Sambony esaslandyryjylaryň kubogy» atly halkara ýaryşlaryň ýeňijilerine ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy. 29-njy fewral – 3-nji mart aralygynda Malaýziýanyň Kuala-Lumpur şäherinde taekwondo (ITF) boýunça guralan halkara ýaryşda hem köp sanly medallar gazanyldy. 5–19-njy ýanwar aralygynda Oman Soltanlygynyň Maskat şäherinde tennis boýunça 14 ýaşa çenli türgenleriň arasynda geçirilen Aziýanyň çempionatynyň saýlama ýaryşlarynda ýurdumyzyň türgeni altyn medala mynasyp boldy. Türkmen türgenleri başa-baş söweş sungatynyň dürli görnüşleri boýunça halkara ýaryşlara yzygiderli gatnaşýarlar. Türgenlerimiz 4–7-nji ýanwarda Türkiýe Respublikasynyň Antalýa şäherinde kýokuşinkaý karate boýunça geçirilen Aziýanyň açyk çempionatynda, 2–12-nji mart aralygynda Russiýa Federasiýasynyň Iwanowo şäherinde geçirilen fudokan karate boýunça Açyk dünýä çempionatynda baýrakly orunlary eýelediler. 31-nji ýanwar – 3-nji fewral aralygynda Gazagystan Respublikasynyň Aktau şäherinde boks boýunça geçirilen halkara ýaryşda altyn medala mynasyp bolan türgenimiz aýratyn öwgä mynasypdyr.

Umuman, şu gezekki dabaraly çäre täze sport üstünlikleriniň oňyn başlangyjy boldy. Çünki türgenlerimiz erjelligi we ýeňiş gazanmaga bolan pugta erk-islegi bilen ähli kynçylyklary ýeňip geçmäge, islendik derejedäki ýaryşlarda türkmen sportuna mynasyp wekilçilik etmäge ukyplydyr.

Garaşsyz Türkmenistan döwletimizde abraýly halkara sport ýaryşlaryny geçirmäge giň mümkinçilik döredýän, ýurdumyzy sagdynlygyň we ruhubelentligiň mekanyna öwürmekde ägirt uly işleri amala aşyrýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, belent başy aman bolsun, durmuşa geçirýän giň gerimli, il-ýurt bähbitli işleri rowaçlyga beslensin!

**Gülnar NYÝAZOWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň akuşerçilik we ginekologiýa kafedrasynyň assistenti.*

# Akyldar şahyryň döredijiliginde nakyllara öwrülen şygyrlar

**Magtymguly Pyragy özüniň şygyrlary bilen halkyň arasynda uly şöhrat we meşhurlyk gazanyp, diňe kitaplara däl, eýsem, köňüllere dolan akyldar şahyrdyr. Magtymgulynyň sözleri her bir adam üçin gymmatly, çünki onuň setirlerinde milli ýörelgelerimiz, ruhubelentlik ýoly wasp edilýär. Şonuň üçin hem şahyryň her bir sözi ýüreklerde orun alýar.**

Ady äleme dolan beýik söz ussadynyň döredijiliginde, onuň gyzyldan gymmatly baý edebi mirasynda terbiýeçilik meselesi, ýagny öwüt-ündewleriň şöhlelendiriliş ýagdaýyny yzarlamak, olary ylmy derňewe çekmek, jemgyýetçilige ýetirmek meselesi uly ähmiýete eýedir.

Dana şahyryň döredijilik örüsi örän giň bolup, umman ýaly paýhasynyň baý edebi mirasynyň agramly bölegini ynsanperwerlik, durmuşy meseleler, ahlaky we terbiýeçilik öwüt-ündewler tutýar. Akyldar şahyr halka öwüt-nesihat bermegi özüniň mukaddes borjy hasaplapdyr. Şahyryň parasatly hem dana sözleri nakyllara, atalar sözüne öwrülip, il arasynda henize-bu güne çenli dilden düşmän gelýär.

Şahyryň «Ýagşy gylyk duşmanyňy dost eýlär», «Adam ogly bäş gün duza myhmandyr», «Ömür saly artar alkyş alanyň», «Ok urar bolsaň, ok ur nebsiň gözüne», «Kemlik eýle, kemal bar, Menlik etme, zowal bar» ýaly pähimleri halkyň kalbynda hemişelik ýaşaýar. Şahyryň şygyrlarynyň çeper we täsirli bolmagy türkmen diliniň içki baýlyklaryny, onuň sözlük goruny ussatlyk bilen ýerlikli ulanmagyndadyr.

Magtymguly Pyragy özüniň dünýewi garaýyşlarynda turuwbaşdan halka, il-güne golaý durupdyr. Ol özüniň goşgularynda ilki bilen halk bähbitlerinden ugur alypdyr, halkyň aladasy bilen ýaşapdyr. Akyldar şahyr durmuşyň manysynyň iliň-günüň derdine ýaramakdygyny ündeýär, ýagşy işlere ýaran bolmagy nygtaýar.

Şahyryň ata Watany söýmek, adam mertebesini belende götermek, ulyny sylamak, kiçä hormat goýmak ýaly öwüt-ündewleri häzirki bagtyýarlyk döwrümizde ýaş nesillerimiziň kalbynda hemişelik orun alýar. Akyldar şahyr adamlaryň hemişe ýagşylyk etmegini, ejize hossar çykmagyny, il-günüň alkyşyny almagyny isläpdir. Şahyryň ahlak, päk söýgi, mertlik, watançylyk ýaly meselelere



bagyşlanan şygyrlary ýaş nesli milli ruhda terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir. Çünki Magtymguly Pyragynyň edebi döredijiligi biziň üçin edep-terbiýe mekdebidir.

Her bir sözi dürden gymmatly şahyryň edebi mirasyny, öwüt-ündew, edep-terbiýe bilen bagly garaýyşlaryny, pikirlerini, öwütlerini öwrenip amal etmek halkymyzyň bagtyýarlyk döwrüniň nesilleriniň mukaddes borjudyr.

**Aýna GULLYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň adam anatomiýasy, topografik anatomiýa we operatiw hirurgiýa kafedrasynyň dosenti.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**► Energiýa sarp edilişini ýokarlandyrar.** Halkara energetika agentligi (HEA) ýakyn 10 ýylda emeli aňyň (AI) energiýany sarp edişiniň 500 göterim artjakdygyny çaklaýar. Maglumatlara görä, bu hasaplaýyş kuwwatynyň ep-esli ýokarlanmagyny talap edýän emeli aňyň ösmegi bilen baglanyşykly.



**► Bilim garramagy haýalladýar.** Kolumbiýa uniwersitetiniň alymlary adamyň bilim derejesi bilen biologik garramanyň arasyndaky baglanyşygy ýüze çykardylar. «Seljerme bilim almagyň her iki ýylda garramagy 2-3 göterim haýalladýandygyny we ölüm howpuny, takmynan, 10 göterim azaldýandygyny görkezdi» diýip, «Hi-Tech» ýazýar.



**► Iň köp ulanylýan familiýa.** Ýene 500 ýyldan ýaponlaryň ählisi Sato diýen familiýany götermegi mümkin. Alymlar matematik modelirleme netijesinde şeýle netijä geldiler. Kanuna görä, Ýaponiýada aýal hökman adamsynyň familiýasyna geçýär. Ýurtda iň köp ýaýran familiýa Sato bolup, ony ilatyň 1,5 göterimi göterýär.



**► Marsda derýanyň yzlary tapyldy.** Gyzyl planetadaky «Curiosity» marsohody Gediz sebitine bardy. NASA sebitiň akgara 360 derejeli panoramasyny ýaýratdy. Marsohodyň egrem-bugram kanalyň gaýaly hanasynyň gyrasyndan alan suraty bu ýerden milliardlarça ýyl ozal derýanyň akandygyny çaklamaga esas berdi.



**► Uelsden tapylan ýüwse ykrar edildi.** 2020-nji ýylyň noýabr aýynda Pembrukşirde XIII asyryň Kerýu galasynyň golaýyndan ýüze çykarylan 300 ýaşly kümüş ýüwsä resmi taýdan hazyna derejesi berildi. Ýüwsäniň ýasalan senesi 1682-nji we 1740-njy ýyllar aralygy diýlip hasaplanýar. Ýüwse Angliýada we Uelsde XVII asyrdaky adaty dizaýna eýedir.



**► Täzelenen «Toyota Crown».** Ýaponiýada täzelenen «Toyota Crown» krossoweriniň satuwy başlandy. Täze önümleriň biri «Crown Crossover RS Landscape» modeli bolup, üýtgeşik nowasy bilen tapawutlanýar. Ýaponiýada täzelenen «Crown»-yň bahasy 29 müň dollar. RS «Landscape» görnüşiniň bahasy 44 müň dollar bolar.



**► Tisianyň kartinasy auksiona çykaryldy.** Italiýaly suratkeş Tisian Weçelionyň 1512-nji ýylda çeken «Müsürüň ýolunda dynç alyş» atly kartinasy Londonda 31,6 million dollara satuwa çykaryldy. Bu surat, soňky 150 ýylda ilkinji gezek auksiona çykaryldy. Weçellio kartinany 20 ýaşyndaka çekipdir.



**► Gaýanyň ýüzündäki şekiller.** Braziliýanyň milli taryhy we çeper mirasy institutynyň arheologlary ýurduň Tokantins ştatyndaky Halapao milli seýilgähinde 2 müň ýyldan gowrak mundan öň gaýanyň ýüzüne çekilen köp sanly suratlary tapdylar. Şeýle-de, arheologlar suratkeşleriň gurallary bolup biljek daş gurallary ýüze çykardylar.



**► 23 hemrany uçurdy.** Amerikanyň hususy kosmos kompaniýasy «SpaceX» ýene-de 23 sany «Starlink» internet hemrasyny orbita çykardy. Emeli hemralar Florida ştatynyň Kanaweral burnundaky ABŞ-nyň kosmos güýçleriniň bazasyndan «Falcon 9» raketasy bilen uçuryldy. «SpaceX» soňra 23 hemranyň ýerleşdirilendigini tassyklady.



**► Sungat eserlerini gaýtardy.** Peruwa ýene-de 4,5 müňden gowrak artefakt gaýtarylyp berildi. Olar Germaniýanyň, ABŞ-nyň, Italiýanyň, Niderlandlaryň, Portugaliýanyň we Şweýsariýanyň muzeýlerinde saklanýardy. 2 ýylda jemi 5,5 müň töweregi arheologik tapyndylar ýurda gaýtarylyp berildi.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1961-nji ýylyň 12-nji aprelinde adamzat taryhynda ilkinji gezek sowet kosmonawty Ýuriý Gagarin, «Wostok-1» kosmos gämisinde Baýkonur kosmodromyndan badalga alyp, kosmos giňişligine çykdy. Ol emeli hemra arkaly 1 sagat 8 minut Ýeriň orbitasyndan aýlanyp, Ýere sag-aman dolanyp geldi.**




# PELLEGRINI ÝEŇIŞ GAZANDY

6-njy aprelde dolandyryjy koalisiýa girýän «Glaz» partiýasy tarapyndan hödürlenen Slowakiýanyň parlamentiniň başlygy Peter Pellegrini ýurtda geçirilen Prezident saýlawlarynyň ikinji tapgyrynda ýeňiş gazandy. Bu barada ýurduň Statistika edarasy habar berdi. Ses berişligiň netijelerine görä, saýlawçylaryň 53,12 göterimi Pellegrinä, 46,87 göterimi bolsa, onuň esasy bäsdeşi – Slowakiýanyň daşary syýasat edarasynyň öňki başlygy Iwan Korçoka ses berdi.

23-nji martda geçirilen saýlawlaryň birinji tapgyrynda dokuz dalaşgäriň hiç biri-de 50 göterimden gowrak ses alyp bilmedi. Şoňa görä hem saýlawlaryň ikinji tapgyry geçirildi. Birinji tapgyrda 42,5 göterim ses bilen Korçok 37 göterim ses alan Pellegriniden öňe saýlanypdy.

Ikinji tapgyrda Pellegrini üçin 1 million 409 müň 255 saýlawçy, Korçok üçin 1 million 243 müň 709 saýlawçy ses berdi. Umuman alanyňda, 4,3 million adamyň Slowakiýada ses bermäge hukugy bar. Saýlawlaryň ikinji tapgyryna gatnaşanlaryň sany 61,14 göterime, birinji tapgyryna gatnaşanlaryň sany bolsa, 51,91 göterime deň boldy.

Slowakiýanyň Hökümet başlygy Robert Fiso saýlawlaryň öňüsyrasynda Pellegrinini goldaýandygyny aýtdy we oňa «parahatçylygyň gymmatyna düşünýän aram dalaşgär» diýip baha berdi. Slowakiýada Prezidentiň wezipesi köplenç wekilçilikli häsiýete eýe bolup, ýurdy Premýer-ministr dolandyrýar. Şeýle-de bolsa, Slowakiýanyň Prezidentiniň parlament tarapyndan kabul edilen kanunlary weto bermäge, halkara şertnamalaryny tassyklamaga hukugy bar. Ol ýaragly güýçleriň serkerdebaşysy bolup, kazylary wezipä belleýär. Geçen ýylyň 30-njy sentýabrynda «Sosial demokratiýa ugry» partiýasynyň başlygy Robert Fiso ýurtda geçirilen parlament saýlawlarynda ýeňiş gazanyp, ýurduň Premýer-ministri wezipesine bellendi.



Häzirki saýlawlar Slowakiýa garaşsyzlygyny alanyndan soň altynjy Prezident saýlawlarydyr. Slowakiýa Respublikasy – Merkezi Ýewropada ýerleşýän döwlet bolup, ilaty 5 million 455 müň adama deňdir. Paýtagty Bratislawa. Ýurt 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda garaşsyzlygyna eýe boldy.

# HPG-niň başlygy wezipesine ýeke-täk dalaşgär

Halkara Pul Gaznasynyň (HPG) häzirki başlygy Kristalina Georgiýewa geljek bäş ýyl üçin bu wezipä ýeke-täk dalaşgär boldy. Halkara Pul Gaznasynyň (HPG) indiki başlyklygyna dalaşgärleri teklip etmek 3-nji aprelde tamamlandy. Bu barada gaznanyň müdirliginiň beýanatynda habar berilýär. Onda HPG-niň başlygy wezipesine häzirki başlyk Kristalina Georgiýewanyň ýeke-täk dalaşgär görkezilendigi bellenilýär. Halkara Pul Gaznasynyň ýerine ýetiriji direktorlarynyň geňeşi 70 ýaşly Georgiýewa bilen gürrüňdeşlikden soň, ol eýeleýän wezipesini dowam etdirer.

Bu geňeş Kristalina Georgiýewany 2019-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda Halkara Pul Gaznasynyň başlygy wezipesine belläpdi. Şol döwürde bazar ykdysadyýeti ösüp barýan ýurtlaryň taryhynda ilkinji gezek Halkara Pul Gaznasynyň başlygy wezipesine Georgiýewanyň bellenendigi habar berlipdi. Uly tejribä eýe bolan Georgiýewa Ýewropa Komissiýasynda möhüm wezipelerde işledi. 1953-nji ýylyň 13-nji awgustynda Sofiýada doglan Kristalina Georgiýewa bolgar ykdysadyýetçisi, durnukly ösüş boýunça bilermen hökmünde giňden tanalýar. Ol 2010-2014-nji ýyllar aralygynda halkara hyzmatdaşlygy boýunça Ýewropa komissary, 2014-nji ýylyň noýabryndan 2016-njy ýylyň dekabryna çenli Ýewropa Komissiýasynyň başlygynyň




üçünji orunbasary wezipesinde işledi. Ol 2017-nji ýylda Bütindünýä bankynyň ýerine ýetiriji başlygynyň wezipesini eýeledi.

Ykdysady ylymlaryň doktory Kristalina Georgiýewa Londonyň ykdysady mekdebinde, Massaçusetsiň tehnologiýa institutynda we Garwardyň biznes mekdebinde sapak berdi. Ol iňlis we rus dillerini suwara bilýär. 189 döwleti öz içine alýan Halkara Pul Gaznasy öz agzalaryna ykdysady maslahatlary we maliýe ýardamyny berýär.

# Dünýäniň iň gymmat nebitgaz brendi

**«Shell» britan-niderland energiýa kompaniýasy dünýäniň iň gymmat nebitgaz brendleriniň sanawynda öňdeligini saklap galdy. Bu barada «Brand Finance» seljeriş kompaniýasynyň hasabatynda bellenilýär.**

**«Brand Finance» kompaniýasynyň uly müdiri Sawio D'Souzanyň aýtmagyna görä, «Shell»-iň nebitgaz pudagynda öňdebaryjy dünýä brendleriniň arasynda liderligi saklamagy «kompaniýanyň uzak möhletleýin korporatiw strategiýasy baradaky meselelere garamazdan, ajaýyp durnuklylygy görkezýär».**

**Bir ýylda kompaniýanyň nyrhy 4 göterim gymmatlap, 50,3 milliard dollara deň boldy. Sanawda ikinji orny öňküsi ýaly «Saudi Aramco» (46,1 milliard dollar), üçünji orny «PetroChina» (28,5 milliard dollar), dördünji orny «Sinopec» (26,7 milliard dollar) eýeledi. Bäşinji orna «BP plc» (18,5 milliard dollar) çykdy, Fransiýanyň «TotalEnergies» kompaniýasy bolsa 17 milliard dollar görkeziji bilen altynjy orna düşdi.**



**Iň çalt gymmatlaýan brend hökmünde Kataryň «Qatar Energy» kompaniýasy yglan edildi (82 göterim ösüş, 3,2 milliard dollara çenli). Muňa kompaniýanyň «Qatargas» kompaniýasy bilen şowly goşulyşmagy sebäp boldy.**

# Wodorod ýangyçly otly

Golaýda Hytaýyň Çançun şäherindäki ýörite liniýada «CRRC Changke» kompaniýasy tarapyndan wodorod ýangyjy bilen işleýän otlynyň synagy geçirildi. Synaglarda otlynyň tizligi sagatda 160 kilometre ýetdi. Bu barada ýurduň «Sinhua» habarlar gullugy habar berýär. Inženerleriň pikiriçe, bu «demir ýol ulaglary pudagynda wodorod energiýasyndan peýdalanmakda täze öňe gidişlikdir».

Wodorodly otlular bir gezek guýlan ýangyç bilen 800-1000 kilometr aralygy geçip bilýärler. Birnäçe artykmaçlygy bolan wodorod bilen işleýän otlularyň dizel ýangyjyndan tapawutlylykda, zyýanly gazlary goýbermeýärler, şeýle hem sessiz işleýändigi bilen tapawutlanýarlar.

Häzirki wagtda Hytaý wodorod ýangyçly ulaglaryny işjeň ösdürýär. Ýurduň wodorod ýangyçly ýük awtoulaglarynyň, awtobuslaryň, taksileriň we ýeňil ulaglaryň parkyny döretmek baradaky uly maksatnamalary bar. Wodorod ýangyjy bilen işleýän otlular Germaniýa, Fransiýa, Ýaponiýa we Koreýa Respublikasy ýaly beýleki ýurtlarda hem synagdan geçirilýär.



# Er-Riýadyň ýaşyl merkezi

**Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýadda «Patyşa Salman» adyndaky dünýäniň uly şäher seýilgähiniň gurluşyk işleri üstünlikli amala aşyrylýar. Bu barada «Naked Science» neşiri habar berýär. Taslama laýyklykda, 13,4 inedördül kilometre barabar bolan meýdany eýeleýän seýilgäh ýurduň paýtagtynyň ýaşyl merkezine öwrüler. Bu seýilgähde bir milliondan gowrak gyrymsy agaç ekiler. Onuň çäklerinde ýaşaýyş jaýlarydyr myhmanhanalardan başga-da, Patyşalygyň sungat merkezi, teatrlar, muzeýler, kinoteatrlar, sport desgalary, suw desgalary, restoranlar we golf kluby ýerleşer. Taslama**



**2019-njy ýylda badalga aldy, ýöne pandemiýa sebäpli gurluşyk işleri yza süýşürilipdi.**

# ABEL BAÝRAGYNA EÝE BOLDY

Fransiýanyň milli ylmy barlaglar merkeziniň işgäri Mişel Talagrand «ähtimallyk nazaryýetine we matematiki fizikada ajaýyp gollanmalar bilen funksional derňewde öňdebaryjy goşantlary üçin» Norwegiýanyň Ylymlar akademiýasy tarapyndan 2024-nji ýylyň Abel baýragy bilen sylaglandy. Baýragyň eýeleri halkara derejesinde ykrar edilen 5 matematikden ybarat bolan Abel komiteti tarapyndan kesgitlenýär.

1952-nji ýylda Fransiýada doglan Mişel Talagrand 1974-nji ýyldan bäri Fransiýanyň Milli ylmy barlaglar merkezinde işleýär we 1977-nji ýylda doktorlyk derejesine eýe bolýar. Ol matematik ähtimallyk nazaryýeti ugrundaky işleri bilen meşhurlyk gazandy. Baýrak 7,5 million norweg krony (834 müň dollar) bolup, şu ýylyň 25-nji maýynda Osloda berler. 2023-nji ýylyň Abel baýragyna Ostindäki Tehas uniwersitetiniň matematigi Luis Kaffarelli eýe bolupdy.



Bu baýrak, elliptik funksiýalar nazaryýetini esaslandyryjy norwegiýaly matematik Nils Henrik Abeliň adyny göterýär. 2002-nji ýylda, alymyň doglan gününiň 200 ýyllygy mynasybetli Norwegiýanyň hökümeti Abel gaznasyny esaslandyrmak üçin 200 million kron (23,4 million dollar) bölüp berdi. Bu baýrak görnükli matematikleriň bitiren hyzmatlary üçin niýetlenendir. Ilkinji baýrak 2003-nji ýylda berildi. Baýrak gowşurylyş dabarasy adatça maý aýynyň ahyrynda geçirilip, ýeňiji baýragy norweg Korolynyň elinden alýar.

# BÄSLEŞIGIŇ ÝEŇIJILERI MÄLIM EDILDI

**«World Nature Photography Awards» baýragynyň emin agzalary 2024-nji ýylyň iň gowy ýabany tebigat bilen baglanyşykly suratlaryna bagyşlanan bäsleşigiň ýeňijilerini mälim etdiler. Baş baýraga Şetland adalarynyň kenarynda aw awlaýan sümsük guşlarynyň fotosuraty üçin britaniýaly fotograf Treýsi Lund mynasyp boldy.**

**Şri-Lankaly Lakşitha Karunarathnanyň fotosuraty ikinji orna, Jouni Erolanyň düşüren suraty bolsa, üçünji orna mynasyp görüldi.**

**«World Nature Photography Awards» bäsleşigi Angliýanyň London şäherinde ýerleşýän Tebigat taryhy muzeýi tarapyndan her ýyl geçirilýän ýabany tebigaty surata düşürmek boýunça halkara bäsleşikdir. Muzeýde her ýyl ýeňiji fotosuratlaryň sergisi guralýar. Bu bäsleşik dünýäniň iň abraýly surat ýaryşlarynyň biri hökmünde baha berilýär. Ilkinji bäsleşik üç ugur boýunça 1964-nji ýylda geçirilipdi.**



# SYÝAHATÇYLARYŇ SANY ARTÝAR

Türkiýäniň günorta-gündogaryndaky Şanlyurfa welaýatynda ýerleşýän Göbeklitepe ybadathana toplumyna 2019-njy ýylda syýahatçylar üçin açylandan bäri 2,5 milliondan gowrak adam baryp gördi. Dünýäniň iň gadymy desgalarynyň biri hasaplanýan Göbeklitepe 2018-nji ýylyň iýul aýynda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi. 2019-njy ýylyň mart aýynda toplumyň resmi taýdan açylyş dabarasy guralyp, şol ýyl ýurtda «Göbeklitepe ýyly» diýlip yglan edildi.

Göbeklitepe toplumynyň başlygy Jelal Uludag bu ugurda gazuw-agtaryş işleriniň 1995-nji ýyldan bäri dowam edýändigini, gysga wagtyň içinde Ýewraziýada irki neolit döwri baradaky çaklamalary üýtgedip, tutuş ylmy dünýäniň ünsüni özüne çekendigini belledi. Ol arheologlar tarapyndan neolit döwründen galan 40-60 tonna agramly T şekilli sütünleriň, şeýle hem ýaşy, takmynan, 12 müň ýyl töweregi diýlip hasaplanýan 65 santimetrlik adam heýkeljikleriniň ýüze çykarylandygyny sözüniň üstüne goşdy. Toplumda onlarça sütün bolup, olar piktogramma görnüşindäki gazma nagyşlar we haýwanlaryň şekilleri bilen bezelipdir.



Uludagyň pikiriçe, Şanlyurfa şäherinden 18 kilometr uzaklykda ýerleşýän bu topluma eýýäm Türkiýäniň 2 million 551 müň 553 ýaşaýjysy we myhmanlary baryp görüpdir.

– Göbeklitepe, dünýä arheologiýasynda aýratyn orun eýeleýär. Topluma gelip görýänler daş sütünlerdir, haýwan şekillerini görüp haýran galýarlar. Toplum bilen gyzyklanmanyň diňe artjakdygyna ynanýaryn – diýip, Uludag aýtdy.

# DÜNÝÄNIŇ IŇ ULY STADIONYNY GURMAKÇY

Marokkoda 2030-njy ýylda geçiriljek Dünýä çempionaty üçin gurulmagy meýilleşdirilýän «Grand Stad de Kasablanka» atly täze stadionyň taslamasy hödürlendi.

115 müň tomaşaça niýetlenen bu stadion Al-Mansuriýa şäherinde gurlar. Bu stadion Marokkonyň Ispaniýa we Portugaliýa bilen bilelikde geçiriljek 2030-njy ýyldaky Dünýä çempionatynyň esasy desgalarynyň biri bolar.

Ýatlap geçsek, futbol boýunça dünýä çempionaty ilkinji gezek üç yklymda we alty ýurtda geçirilýär. 2030-njy ýyldaky dünýä çempionatynda oýunlaryň köpüsi Marokkoda, Ispaniýada we Portugaliýada guralar. Üç oýun Günorta Amerikada bolar. Açylyş oýny Urugwaýda guralar, onda ýerli milli ýygyndy toparlar oýnar. Bu Argentinanyň we Paragwaýyň milli ýygyndylarynyň toparçalardaky ilkinji oýunlaryna hem degişli bolup, olar açylyş oýunlaryny öz ýurtlarynda geçirerler.



# BIR GEZEK ULANYLÝAN TORBALAR GADAGAN EDILER

Şu ýylyň 1-nji iýunyndan başlap Dubaýda bir gezek ulanylýan polietilen torbalary ulanmak doly gadagan ediler. Söwda nokatlary häzirki wagtda bir gezeklik plastik torbalar üçin 25 fils alsa-da, bu düzgün ýene-de iki aýa golaý wagtdan doly gadagan ediler.

Şeýlelikde, indi satyn alnan önümleri torba salyp bermek satyjylaryň borjy däl. Müşderilere gaýtadan ulanylýan hojalyk torbalaryny götermek maslahat berilýär. Gadagan edilen torbalaryň hatarynda ulanylandan soň biologik taýdan dargaýan, mikroplastikli haltalar hem bar.

Täze düzgünler çörek, gök önüm, et, balyk, towuk gaplamak üçin torbalar, zibil gaplarynyň içine goýulýan torbalar, şeýle-de onlaýn elektron enjamlaryň we onlaýn satyn alnan önümleriň torbalary üçin girizilmeýär.

Bir gezeklik torbalary ulanýanlara, 200 dirhem möçberinde jerime garaşýar we bu düzgün gaýtadan bozulan halatynda jerime iki esse artar. Düzgün bozulmalar ýüze çykan halatynda, satyjylar Dubaýyň Ykdysadyýet we syýahatçylyk departamentine habar bermek tabşyryldy.

2025-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, kokteýl turbajyklara, plastik bulgurlara we hatda plastikli pagta çöpjagazlara hem gadaganlyk giriziler. 2026-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, iýmit önümleri üçin niýetlenen plastik gap-gaçlary, plastik bulgurlary we olaryň gapaklaryny satmak we ulanmak baradaky gadaganlyk hem güýje girer. Bu gadaganlyk gaýtadan işlenen materiallardan ýasalan torbalary, şeýle hem eksport üçin niýetlenen harytlary gaplamak üçin polietilen torbalary öz içine almaýar.



# MILAN – DÜNÝÄNIŇ MODA PAÝTAGTY

Italiýanyň uly şäherleriniň biri bolan, Lombardiýa sebitiniň paýtagt şäheri hasaplanýan Milan baý sungat mirasyna eýedir. Şowhunly «La Skala» teatry, owadan binalary bilen tanalýan Milan şäheriniň tutýan meýdany 182 inedördül kilometre barabar bolup, 1,5 million töweregi ilaty bar. Italiýanyň ösen önümçilik we söwda şäheri bolan Milan taryhyň dürli döwürlerinde goranyş şäheri bolupdyr. XIX asyrdan soň Milan asuda ýagdaýa geçýär. Täjirler Italiýanyň demirgazyk şäherine ýygy-ýygydan gelip, söwda-satyk işleri bilen meşgullanypdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen bu şäherde söwda we önümçilik has giňeýär. Ýewropa ýurtlarynyň arasynda «asuda şäher» diýlip tanalýan Milan XX asyrda Ýewropanyň iň baý şäherleriniň birine öwrülýär.



Dünýäniň moda paýtagty meşhur ýazyjylaryň, medeniýet işgärleriniň we suratkeşleriň mekany hasaplanýar. Dizaýn babatda ösen gurluşa eýe bolan Milanda «Quadrilatero della Moda» söwda merkezi ýerleşýär. Şäheriň iň meşhur ýerleriniň biri bolan söwda merkezi Italiýa barýan syýahatçylaryň iň köp gelim-gidimli ýerleriniň biridir. Şäheriň özüne çekiji owadan ýerleriniň arasynda Duomo ýadygärligi hem bar. Got sungatynyň we binagärliginiň ajaýyp nusgasy bolan bu kaşaň buthananyň ýokarsynda Madonninanyň altyn çaýylan heýkeli ýerleşýär. Milanda häzirki zaman ösen binagärliginiň nusgalaryny hem görmek bolýar. Şäheriň futuristik «CityLife» etraby muňa mysal bolup, «akylly» şäher tehnologiýasyna esaslanýar. 36,6 gektar meýdany tutýan bu etrapda awtoulag gatnawy ýeriň aşagynda amala aşyrylýar. «Üç diň», «Bosco Dik dik» tokaý jaýlary futuristik etrabyň meşhur ýerleri hasaplanýar. Şäheriň Wenesiýany ýadyňa salýan Nawigli kanalynyň boýy hemişe köp adamly bolup, bu ýerde kenarýaka restoranlar we dükanlar ýerleşýär. Kanalda gaýykly gezelençler hem guralýar.

Bulardan başga-da, şäheriň meşhur ýerleriniň arasynda «Kolonne di San Lorenzo» açyk eýwanly, dik sütünli meýdança, «Piazza Castello» gala meýdançasy, «San Bernardino alle Ossa» süňkli diwary, «Villa Invernizzi» flamingo sürüleriniň baglary, «Cinque Vie» moda egin-eşikleriniň dükany hem bar.

Milanda 900-e golaý muzeý bolup, syýahatçylaryň italýan medeniýeti we sungaty bilen ýakyndan tanyşmagyna ýardam edýär. Muzeý kolleksiýalarynda, esasan, golýazmalar, kartinalar, orta asyr medeniýetine degişli heýkeller we döwrebap sungat eserleri saklanýar. ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilen «Santa Mariýa Della Grazi» ybadathanasynda dünýäniň iň meşhur suratlarynyň biri bolan Leonardo da Winçiniň diwara çeken «Iň soňky agşamlyk» eseri ýerleşýär. Milan opera aýdym-sazly çykyşlaryň hem şäheri hasaplanýar. Şäher teatrlarynda skripkada ýerine ýetirilýän nusgawy sazlary diňläp, Şekspiriň eserlerini janly şekilde synlap bolýar.

Milan syýahatçylyk gastronomiýasy babatda hem öňdäki orunlary eýeleýär. Şäherde italýan tagamlarynyň dürli nusgalary taýýarlanyp, olardan iň meşhury «risotto alla milanese» hasaplanýar. Bu tagam arborio tüwüsinden taýýarlanyp, zeýtun ýagy, sogan, gök otlar we ys berijiler goşulýar. Şülä meňzeş sap-sary nahara käte towuk eti hem goşulýar. Mundan başga-da, sygyr etinden taýýarlanýan mondegili, gök önümlerden taýýarlanýan kassula, «cotoletta alla milanese», ýilikli süňkden buglanyp taýýarlanýan tagamlar syýahatçylara italýan aşhanasyndan lezzet almaga mümkinçilik berýär.

# HEREKETSIZLIGIŇ 5 alamaty

**Hereket sagdynlygyň gözbaşy bolup, bedeni dürli zyýanly täsirlerden goraýar. Günüň dowamynda her kim saglyk, iş we ýaşaýyş şertine görä, uzak hem-de az wagtlyk hereket edip biler. Eýsem, herekete nämeler degişli?! Maşk etmek, sport bilen meşgullanmak, ýöremek, welosiped sürmek, baglara we güllere ideg etmek – işjeň hereketiň görnüşleri bolup, bularyň haýsy hem bolsa biri bilen yzygiderli meşgullanmak sagdyn durmuş ýörelgesini üpjün edýär. Gününi iş otaglarynda geçirýän adamlar agşam öýüne baranda köplenç özlerini aşa ýadaw we sussupes duýýarlar. Munuň sebäbi hereketsizlik bilen düşündirilýär. Eýsem, hereketsizligiň alamaty haýsylar? Ýeterlik derejede işjeň bolmazlyk nämelere sebäp bolup biler?!**

**Gabagyň çişmegi.** Ekranyň garşysynda uzakly gün oturmak bedeniň alyş-çalşyna täsirini ýetirýär. Esasan hem, bedendäki suw aýlanyşygy peselýär. Bu ýagdaý gabaklaryň çişmegine sebäp bolýar. Munuň üçin ýoga bilen meşgullanmak maslahat berilýär. Ýoga gan aýlanyşyny ýokarlandyryp, bedeniň işjeňligini artdyrýar.

**Iýmitiň haýal siňmegi.** Iýmit siňdiriş ulgamynyň kadaly işlemegi üçin hereket etmek örän möhümdir. Esasan hem, içegeleriň sagdyn işlemegi üçin maşk etmek zerur. Uzak wagtlap oturmagyň netijesinde aşgazana agram düşüp, içegeleriň işlemegi kynlaşýar. Bu ýagdaý garynda agyrylaryň peýda bolmagyna we içgatama sebäp bolýar. Her gün 2-3 gezek bedeniňi uzaldyp ýerine ýetirilýän maşklary ýerine ýetirmek iýmit siňdiriş bilen bagly meseleleri aradan aýyrmaga ýardam edýär.

**Ýatkeşligiň peselmegi.** Köplenç aklyňa hiç zat gelmeýär. Käte bolsa okan we bilýän zatlarymyzy ýadymyza düşürip bilmeýäris. Bu ýagdaý hereketsizlik bilen bagly bolup, beýnide gan aýlanyşy peseldýär. Şeýle hem beýni ýeterlik derejede kislorod bilen üpjün edilmeýär. Her gün orta derejede maşk etmek, arassa howada ýöremek hem-de welosipedli gezelenç etmek ýatkeşligiň peselmeginiň öňüni alýar.

**Dyzlaryň agyrmagy.** Uzak wagtlap oturmak bogunlaryň gowşamagyna we agyrylaryň peýda bolmagyna sebäp bolýar. Esasan hem, aýagyňy epläp oturanyňda dyzyň çişmegi, duz we suw ýygnanma ýaly alamatlar ýüze çykyp bilýär. Bu ýagdaýlaryň öňüni almak üçin aerobik maşklar bilen meşgullanmaly. Gün tertibine maşk etmek meýilnamasyny girizmeli. Yzygiderli maşk etmek myşsalary güýçlendirýär we çeýe bolmagyny üpjün edýär.

**Şekere bolan islegiň artmagy.** Adam hereketi peselende özüni lapykeç duýup, süýji bir zatlar iýesi gelip ugraýar. Fiziki işjeňlik şeker bilen göreşmegiň iň gowy usulydyr. Işjeň hereket edilende energiýa artyp, bagt gormonlary diýlip atlandyrylýan endorfinler bölünip çykýar. Bagt gormony şekere bolan islegi azaldyp, sagdyn bolmaga itergi berýär. Başgaça aýdylanda, ýeterlik derejede maşk etmek we işjeň ýagdaýda bolmak depressiýany aradan aýryp, aşa köp iýmekden saklanmaga ýardam edýär.

# Italýan dili – özüne çekiji dil




**Ýakynda dünýäde iň özüne çekiji dili anyklamak maksady bilen pikir soraşma geçirildi. Dil öwreniş platformasynyň täze maglumatlaryna görä, dünýäde iň özüne çekiji dil indi fransuz dili däl-de, italýan dili. Angliýadan, Fransiýadan, Ispaniýadan, Italiýadan, Germaniýadan we ABŞ-dan 6 müň meýletinçiniň gatnaşmagynda geçirilen pikir soraşmanyň netijesinde italýan diliniň iň täsirli dildigi mälim edildi. 2017-nji ýylda geçirilen pikir soraşmada fransuz dili bu derejä eýe bolupdy.**

**Köpler italýan dilini öwrenmäge höwes döredýän, romantik dil hökmünde häsiýetlendirýärler. Dil öwrenýänler, esasan hem, italýan medeniýetiniň we sungatynyň täsirine düşmek, italýança çeper eserleri okamak özüne maýyl edýär diýip belleýärler. 67 million adamyň ene dili bolan italýan dilinde häzirki wagtda 85 million töweregi adam gepleýär. Italýan dili Italiýadan başga-da, San-Marinonyň we Şweýsariýanyň käbir sebitiniň resmi dili bolup, Watikanyň esasy dili hasaplanýar. Horwatiýanyň we Sloweniýanyň käbir sebitinde hem italýança «moda dil» hasaplanýar. Dünýäniň opera we aýdym-saz sungatynda ulanylýan sözleriň ähli diýen ýaly italýançadan gelip çykýar. Italýança sözleriň köpüsiniň çekimli ses bilen gutarmagy beýleki dillerden aýratynlykly tarapynyň biridir.**

**Dil öwreniş platformasynyň maglumatlaryna görä, pikir soraşmanyň dowamynda nemes dili «iň gönümel dil», iňlis dili «iň mylakatly dil» diýlip saýlanypdyr.**

## ÇAGALAR

**Çaganyň ilkinji saýgarýan reňki gyzyl bolup, görşi ösdürýär we beýnidäki nerw damarlaryna oňyn täsir edýär.**

# REŇKLER DÜNÝÄSINE SYÝAHAT

Alymlar dünýäde 10 million töweregi reňkiň bardygyny çaklaýarlar. Her kim dünýäni başgaça göz bilen görýär. Şol sebäpli reňkleri saýgarmagyň hem çägi ýok. Fizikada jisim bilen ýagtylygyň özara gatnaşygy netijesinde reňkiň ýüze çykýandygy düşündirilýär. Reňki görmek we saýgarmak üçin ýagtylyk zerur.

Aristotel ähli reňki ak we garanyň garyndysy diýip hasaplapdyr. Bu düşünje 1666-njy ýyla çenli dowam edipdir. Iňlis fizigi Isaak Nýuton bu düşünjäni üýtgedýär. Alym geçiren köp sanly tejribe synaglary netijesinde islendik reňk ýagtylygyň ýa-da şöhläniň önümi bolup biler diýen netijä gelýär. Onuň pikiriçe, ses tolkunlary bilen görüş tolkunlarynyň özara meňzeşligi bolup, ses perdeleri çäkli, emma reňkleriň ýüze çykmagynyň çägi ýok. Nýutondan soň hem alymlaryň birnäçesi reňkler bilen bagly ylmy garaýyşlary öňe sürýärler. Umuman, reňkleri öwrenmek gyzykly ylym hökmünde kabul edilýär.



### REŇKLERIŇ MANYSY

Reňkler durmuşymyz we ruhy dünýämiz bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Geýýän egin-eşigimiziň, ýatýan otagymyzyň, ulanýan enjamlarymyzyň reňkinden başlap, tebigatdaky ähli öwüşgin bize öz täsirini ýetirýär. Alymlar reňkleriň adam aňyna täsir edýändigini tassyklaýarlar. Megerem, reňkler, olaryň manysy, daş-töwerege täsiri barada öwrenmek hemmämiz üçin gyzykly bolsa gerek.

**Gyzyl.** Gan aýlanyşy çaltlandyrýan, işdäni açýan we güýçlüligi aňladýan bu reňk köplenç azyk önümleriniň nyşanlarynda ulanylýar. Mysal üçin, meşhur brend «Coca Cola» gyzyl reňk bilen tanalýar. Gyzyl reňk tizligi we gujurlylygy hem aňladýar. Şol sebäpli, bu reňki işeňňir adamlar we ýaşlar köp ulanýarlar. Gyzyl reňki has uzakdan saýgaryp bolýandygy sebäpli, köplenç ünsi çekmek üçin hem ulanylýar.

**Ak.** Arassalygy, dostlugy we päk ýürekliligi alamatlandyrýan bu reňki erkinligi hem-de asudalygy halaýan adamlar saýlaýarlar. Ak reňk dowamlylygy we durnuklylygy aňladýar. Ilkinji tanyşlykda ýa-da iş söhbetdeşliginde ak egin-eşik geýmek täze başlangyçlara ýol açýar.

**Ýaşyl.** Tebigaty ýadyňa salýan bu reňk rahatlandyryjy häsiýete eýe bolup, özüňe bolan ynamy güýçlendirýär. Ýaşyl reňkiň köşeşdiriji we rahatlandyryjy häsiýete eýedigi sebäpli, lukmançylyk edaralary içki diwarlaryny ýaşylymtyl reňkleýärler. Ýaşyl reňki, esasan, rahatlygy gowy görýän tebigaty söýüjiler köp ulanýarlar. Ylmy barlaglara görä, uzak wagtlap ýaşyl reňke seredip duranyňdan soň, beýleki reňkleri bada-bat saýgaryp bolmaýar. Ýaşyl reňki parahatçylygy gowy görýän, ynamly adamlar saýlaýarlar.

**Goňur.** Edebiýaty we sungaty ýadyňa salýan bu reňki, esasan hem, döredijilik adamlary halaýarlar. Goňur reňk çalt hereket etmäge, çalt pikirlenmäge itergi berýär. Dünýädäki restoranlaryň köpüsinde müşderileriň çalt iýmegi üçin goňur oturgyçlar, goňur diwarlar we goňur bezegler ulanylýar. Goňur reňki halaýanlar bir ýerde durup bilmeýän, yhlasly we işjeň adamlar hasaplanýar.

**Gara.** Bu reňk güýji we hyjuwy aňladyp, işewür adamlar saýlaýarlar. Gara reňk köpler üçin tukatlygy aňladýan hem bolsa, Ýaponiýada bagtyň nyşany hasaplanýar. Gözi ýadatmaýandygy sebäpli, bu reňk gündelik durmuşda köp ýerde ulanylýar.

**Gök.** Ummanlary ýadyňa salýan bu reňk asudalygy we saglygy aňladýar. Gök reňk gan basyşyny peseldip, adamyň rahatlanmagyna ýardam edýär. Köp ýurtda bilim edaralarynyň diwarlary açyk gök bilen reňklenýär. Bu reňk netijeliligi ýokarlandyryp, çagalaryň üstünlik gazanmagyny üpjün edýär. Gök reňk bakylygy hem aňladyp, ynamy we ygtybarlylygy aňladýar. Dünýäniň köp sanly guramalarydyr kompaniýalary öz nyşanynda gök reňki ulanýarlar.

**Sary.** Bu reňk wagtlaýyn üýtgewsizligiň beýany bolup, özüne çekijiligi aňladýar. Adatça taksileriň sary reňkde bolmagy hem özüne çekijilik, hem-de az salymlyk wagt bilen düşündirilýär. Çagalaryň köpüsi sary reňkli otagda özüni oňaýsyz duýup aglaýarlar, ulular bolsa, gaharlanyp ugraýarlar. Sary seýrek ýagdaýda ulanylýan reňkleriň hataryna girýär.

**Mämişi.** Bu özüne çekiji reňk futbol ýygyndylarynyň köpüsiniň köýnekçelerinde duş gelýär. Çalt göze ilýän bu reňki, esasan, moda dizaýnerleri we oýnawaç öndürýän kompaniýalar ulanýarlar. Bagtly, joşgunly we gujurly adamlar mämişi reňki saýlaýarlar.

**Gülgün.** Ýüzbe-ýüz bolýan tarapyňa rahatlyk duýgusyny berýän gülgün «ýakymly reňk» diýlip atlandyrylýar. Şol sebäpli şokoladdyr sowgatlyklaryň daşy gülgün reňk bilen örtülýär. Gülgün reňki, esasan, şadyýan, özünden hoşal «romantik» adamlar saýlaýarlar.

## GYZYKLY MAGLUMATLAR

- ☑ **Erkekler we aýallar gyzyl reňki başgaça görýärler.**
- ☑ **Gülgün köşeşdiriji reňk hasaplanýar. Bu reňk köplenç saglyk edaralarynda ulanylýar. Çalt gaharlanýan adamlara gülgün güllere ýa-da şol reňkdäki diwarlyklara seretmek maslahat berilýär.**
- ☑ **Gök bütin dünýäde iň halanýan reňk hasaplanýar. Parahatçylygyň nyşany hasaplanýan bu reňk köplenç halkara söwda edaralary tarapyndan ulanylýar.**
- ☑ **Köp adamda bolup geçen wakalary reňk bilen baglanyşdyrmak duýgusy bar. Muňa reňk fobiýasy diýilýär. Şeýle adamlar bir reňki gören wagty begenip ýa-da beýleki reňki görende gynanyp, howsalaly ýagdaýa düşüp bilýär.**
- ☑ **Sary we gyzyl reňk iýip-içmäge bolan isleg duýgusyny döredýär. Şol sebäpli mahabat we restoran bezeglerinde bu iki reňkiň sazlaşygy köp ulanylýar.**
- ☑ **Iňlis fizigi Isaak Nýuton 1665-nji ýylda «reňkli tigir» oýlap tapýar. 7 reňkden ybarat halka gyzyl bilen başlanyp (mämişi, sary, ýaşyl, gök, syýa), mawy reňk bilen jemlenipdir.**
- ☑ **Çaganyň ilkinji saýgarýan reňki gyzyl bolup, görşi ösdürýär we beýnidäki nerw damarlaryna oňyn täsir edýär.**
- ☑ **Gara reňkli egin-eşik, ýagny gara reňkli köýnek, penjek we jalbar adamy salyhatly hem-de başarnykly görkezýär. Ýewropada gara egin-eşikleri geýýänleri «güýçli adam» hasaplaýarlar.**



# Älemgoşar nädip emele gelýär?

**Ýaz paslyna mahsus alamatlaryň biri hem älemgoşar bolup, bu tebigy hadysa daş-töwerege şatlyk paýlaýar. Eýsem, Ýer ýüzünde iň köp ýaýran meteorologik hadysalaryň biri bolan älemgoşar nädip emele gelýärkä?!**

Älemgoşar howadaky damjalaryň Gün şöhlesini döwmegi netijesinde ýüze çykýar. Ýagyş damjalary şöhläni döwenden soň, arka tarapda dürli reňkler peýda bolýar. Muňa biz älemgoşar diýýäris. Esasan hem, ýagyşly günlerde Günüň lowurdap çykmagy bilen birden peýda bolýan bu hadysa köplenç 7 halkadan düzülýär. Gün şöhlesi ýagyş damjalarynyň içinden dürli tizlikde geçende tolkun uzynlygyna görä dürli reňkler emele gelýär. Älemgoşar howanyň gyzgynlyk we çyglylyk ýagdaýyna görä, birnäçe sekuntdan birnäçe sagada çenli saklanyp bilýär. Häzirki wagta çenli iň uzak wagtlyk älemgoşar Taýpeý daglarynda hasaba alnyp, 9 sagat saklandy.

**Labirint**



**Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!**




Gyzykly pursat

## Bir sözlemde


Danielle Kollins

› Tennis boýunça ABŞ-nyň Çarleston şäherinde geçirilen zenanlaryň arasyndaky «Açyk» çempionatda amerikaly Danielle Kollins ýeňiş gazanyp, ol finalda russiýaly Dariýa Kasatkinany 6:2, 6:1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi we möwsümdäki bassyr 2-nji, karýerasyndaky 4-nji çempionlyk kubogyny asmana göterdi.

› Zenanlaryň arasynda Kolumbiýanyň paýtagty Bogotada geçirilen «Copa Colsanitas» tennis ýaryşynyň finalynda ýerli tennisçi Kamila Osorio bilen çehiýaly Mariýa Bouzkowa duşuşyp, olaryň birinjisi 6:3, 7:6 hasaplar esasynda üstün çykdy we karýerasyndaky 2-nji WTA Kubogyny gazandy.

› ABŞ-nyň Hýuston şäherinde erkekleriň arasynda geçirilen «U.S. Men's Clay Court Championships» ýaryşynyň finalynda iki amerikaly tennisçi Ben Şelton bilen Fransis Tiafou duşuşyp, olaryň birinjisi 7:5, 4:6, 6:3 hasaplar esasynda ýeňşini baýram etdi.

› Portugaliýanyň Kaşkaýş şäherinde geçirilen «Eştoril Açyk» tennis ýaryşynyň finalynda ispaniýaly Pedro Martinesi 6:3, 6:4 hasaplar bilen ýeňen polşaly Hubert Hurkaç çempion bolup, ol karýerasyndaky 8-nji ATP Kubogyny gazandy.

› Marokkonyň Marrakeş şäherinde erkekleriň arasynda geçirilen «Grand Prix Hassan II» tennis ýaryşynda italiýaly Matteo Berrettini çempion bolup, ol finalda ispaniýaly Roberto Karbalýes Baenany 7:5, 6:2 hasaplar bilen utdy we 8-nji kubogyny ýokary galdyrdy.

› «Monuments» 1 günlük welosiped ýol ýaryşlarynyň möwsümdäki 3-nji bäsleşigi bolan Pariž – Rube ýaryşynda belgiýaly topardaşy Ýasper Filipseni hem-de «Lidl-Trek» toparynyň daniýaly türgeni Mads Pederseni yzda galdyran «Alpecin–Deceuninck» toparynyň niderland türgeni Matieu wan der Pol 5 sagat 25 minut 58 sekuntda pellehana gelip, bassyr 2-nji ýeňşini gazandy.

› Türkiýäniň 2-nji ligasynda 29-njy tapgyrda «Altaý» toparyny 4-1 hasabynda ýeňen Arda Turanyň tälim berýän «Eýüpspor» (Stambul) topary 105 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek ýokary ligada çykyş etmäge hukuk gazandy.

› NBA-nyň belli ýyldyzlaryndan, 2 gezek çempionlyk gazanan hem-de «Boston Seltiks», «Dallas Maweriks», «Sakramento Kings», «Çikago Bulls», «Nýu Orleans Pelikans», «Los Anjeles Leýkers», «Atlanta Hawks», «Los Anjeles Klippers», «Kliwlend Kawaliers» toparlarynyň köýnekçelerini geýen Ražon Rondo 38 ýaşynda karýerasyny tamamlandygyny habar berdi.


Ražon Rondo

# 6-njy tapgyrda ýer eýeleri öňe saýlandy



**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 5 | 5 | 0 | 0 | 25—2 | 15 |
| 2 | «ŞAGADAM» | 6 | 4 | 0 | 2 | 10—5 | 12 |
| 3 | «AHAL» | 6 | 4 | 0 | 2 | 9—6 | 12 |
| 4 | «ALTYN ASYR» | 5 | 3 | 0 | 2 | 7—6 | 9 |
| 5 | «MERW» | 5 | 3 | 0 | 2 | 4—3 | 9 |
| 6 | «AŞGABAT» | 6 | 2 | 1 | 3 | 5—11 | 7 |
| 7 | «NEBITÇI» | 5 | 1 | 0 | 4 | 3—10 | 3 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 5 | 0 | 2 | 3 | 3—12 | 2 |
| 9 | «ENERGETIK» | 5 | 0 | 1 | 4 | 1—12 | 1 |

**Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 6-njy tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Geçirilen 4 duşuşygyň 3-sinde ýer eýeleri, 1-inde bolsa myhmançylykdaky topar ýeňiş gazandy. 4 oýunda 10 gol derweze girizilip, utulan toparlaryň ýekejesine hem gol geçirmek başartmady.**

Sanawyň ýeňlişsiz lideri «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Köpetdag» toparyny kabul edip, 5–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Duşuşykda gollaryň 3-sini Didar Durdyýew derweze girizip, het-trik etdi. Ol 1-nji ýarymy golsuz tamamlanan oýnuň 59-njy minutynda 11 metrlik jerime urgusyndan, şol sanda 72-nji hem-de 90+3-nji minutlarda tapawutlanmagy başardy. Duşuşykdaky beýleki gollary 63-nji minutda Mirza Beknazarow hem-de 65-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Arslanmyrat Amanow geçirdi.

2–0 hasap bilen tamamlanan duşuşyklarda «Şagadam» öz meýdançasynda «Energetigi», «Altyn asyr» topary-da «Aşgabat» toparyny ýeňlişe sezewar etdi. Türkmenbaşy şäherindäki duşuşykda «Şagadama» ýeňiş getiren gollaryň 2-sini hem 45+8-nji we 46-njy minutlarda Hydyrgeldi Atdjanow öz adyna ýazdyrdy. Duşuşygyň 25-nji minutynda «Şagadamdan» Yhlas Magtymow 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup bilmedi.

Edil şol hasap bilen tamamlanan başga bir oýunda-da «Altyn asyr» öz meýdançasynda «Aşgabat» toparyndan 2–0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda gollaryň 2-sini hem 56-njy we 85-nji minutlarda tapawutlanan Röwşengeldi Halmämmedow derwezä girizdi.

Tapgyryň myhmançylykda ýeňiş gazanan ýeke-täk topary «Ahal» bolup, duşuşyk Balkanabat şäherinde geçirildi. Dartgynly ýagdaýda geçen oýunda ýeňiş goluny duşuşygyň 90-njy minutynda Akmämmet Metdäýew tora saldy. Duşuşygyň 58-nji minutynda ýer eýelerinden Daýanç Nuryýew 2-nji sarydan soň gyzyl kart alyp, oýundan çykaryldy.

Ýurdumyzyň futbol çempionatynyň 7-nji tapgyrynyň duşuşyklary 13-nji aprelde geçiriler. Şonda «Aşgabat»—«Nebitçi», «Köpetdag»—«Altyn asyr», «Energetik»—«Arkadag», «Merw»—«Şagadam» duşuşyklary oýnalar.

# Ýaponiýada Werstappen ýeňiş gazandy

Formula 1 boýunça möwsümiň 4-nji bäsleşigi Ýaponiýanyň Suzuka şäherinde geçirildi. «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen ilkinji hatardan başlap, 53 aýlawlyk ýaryşda ýeňiş gazandy. Ol 1 sagat 54 minut 23,566 sekuntda pellehana gelip, möwsümdäki 3-nji, karýerasyndaky 57-nji ýeňşini baýram etdi. 1-nji aýlaw tamamlanmanka, kiçeňräk çaknyşyk sebäpli Daniel Rikkiardo bilen Aleksander Albonyň ýaryşdan çykan bäsleşiginde 2-nji ýeri «Red Bulluň» meksikaly piloty Serhio Peres eýeledi. Ol topardaşyndan 12,5 sekunt yza galdy. Şunlukda, möwsümiň ilkinji 4 ýaryşynyň 3-sinde «Red Bull» topary goşa üstünlik gazandy.

Ýeňijiden 20,866 sekunt soň ýaryşy tamamlan «Ferrari» toparynyň ispan sü-



rüjisi Karlos Saýns Junior 3-nji, onuň monakoly topardaşy Şarl Lekler 4-nji orny eýeledi. «McLaren» toparynyň sürüjileri — britaniýaly Lando Norris 5-nji, awstraliýaly Oskar Piastri 8-nji, «Mercedes» toparynyň britan pilotlary — Jorj Rassell 7-nji, Lýuwis Hamilton 9-njy orna, «Aston Martin» toparynyň ispan sürüjisi Fernando Alonso 6-njy hem-de «Honda» toparynyň ýapon sürüjisi Ýuki Tsunoda 10-njy orna mynasyp boldy.

Geçirilen 4 ýaryşdan soň Werstappen 77 utuk bilen sanawyň başyny çekip gelýär. 2-nji ýerdäki Peresiň 64 utugy bar. «Ferrari» toparynyň sürüjileri Saýns 59, Lekler 55 utuk bilen 3–4-nji ýerleri paýlaşýarlar.

Möwsümiň 5-nji «Gran Prisi» 21-nji aprelde Hytaýyň Şanhaý şäherindäki halkara trassada geçiriler.

# «Arsenal» birinji orna beýgeldi





Angliýanyň çempionatynda 32-nji tapgyryň merkezi duşuşygynda «Mançester Ýunaýted» bilen «Liwerpul» 2–2 hasabynda deňme-deň oýnap, utuklary paýlaşdylar. Luiz Diazyň 23-nji minutdaky goluna ýer eýeleri Bruno Fernandeşiň 50-nji minutda meýdançanyň orta gürpünden geçiren goly bilen jogap berip, hasaby deňledi. 67-nji minutda ýaş oýunçy Maýnu owadan gol bilen mankunianlary öňe saýlady. 84-nji minutda-da Salah penaltini dürs urup, toparyny ýeňlişden halas etdi. Salah «Old Traffordda» yzly-yzyna 4 gol geçiren ilkinji oýunçy, şol sanda «Ýunaýtediň» derwezesinden 11-nji goluny geçirip, bu ugurda-da iň netijeli futbolçy boldy. «Braýtony» Saka, Hawerts, Trossaryň gollary bilen 3–0 ýeňen «Arsenal» 1-nji orna beýgeldi. Soňky çempion «Mançester Siti» Kewin De Bruýneniň 2 gol geçiren oýnunda «Kristal Palasdan» 4–2 hasabynda üstün çykdy. De Bruýneniň klubdaky gollarynyň sany 100-e ýetdi. «Nottingam Foresti» 3–1 hasabynda ýeňen «Tottenham» 4-nji orna çykdy.

Mundan öňki tapgyrda Koul Palmeriň het-trik eden oýnunda «Mançester Ýunaýtedi» 90+10-njy we 90+11-nji minutlarda geçiren gollary esasynda 4–3 ýeňen «Çelsi» myhmançylykda «Şeffild Ýunaýted» bilen duşuşdy. Tiago Silwa hem-de Maduekeniň gollary bilen 2 gezek öňe geçen «Çelsi» topary 90-njy minutdan soň bu sapar ýeňşi elden giderdi.


Kewin de Bruýne

# 40 ýyldan soň 24-nji kubok

Ispaniýanyň Şa Kubogy ýaryşynyň finalynda «Atletik Bilbao» bilen «Malýorka» toparlary duşuşdy. Sewilýa şäherindäki «La Kartuha» stadionynda geçirilen finalda ilkinji bolup, hasaby «Malýorka» topary açdy. Oýnuň 21-nji minutynda Daniel Rodrigesiň goly bilen «Malýorka» 1–0 öňe saýlandy. Şondan soň hüjümleriniň sanyny hasam artdyran «Atletik» toparyna 1-nji ýarymda hasaby deňlemek başartmady. Niko Williamsyň geçiren goly ofsaýt sebäpli hasaba alynmady.

2-nji ýaryma gol bilen başlan «Atletik Bilbao» topary 50-nji minutda Oihan Sansetiň goly esasynda hasaby deňledi. Oýundan soňky penalti urgularynda-da 4–2 hasabynda üstün çykan «Atletik Bilbao» topary 40 ýyldan soň 24-nji Şa Kubogyny gazandy. Bilbao şäheriniň wekili soňky gezek 1983/84 möwsüminde kubogy eýeläp, şondan soň çykan 6 finalynda-da ýeňlişe sezewar bolupdy. «Atletik» topary Ispaniýanyň Şa Kubogyny gazanmakda 31 kubokly «Barselonadan» soň 2-nji ýeri eýeleýär. Bu ugurda «Real Madrid» 20 kubok bilen 3-nji orunda barýar.




Toparyň tälimçisi Erneste Walwerde «Barselonadan» soň «Atletik» toparynda hem Ispaniýanyň Şa Kubogyny gazandy.

21 ýyldan soň finala çykan «Malýorka» topary 3-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Palma şäheriniň wekili 2002/03 möwsüminde kubogy eýeläpdi.

# «Aýaksyň» taryhy ýeňlişi

Niderlandlaryň çempionaty «Eredivisie»-de kem-kemden nobatdaky çempionlygyna golaýlaýan PSW topary öz meýdançasynda 29-njy tapgyryň çäginde 4-nji ýerdäki «AZ Alkmaar» toparyndan 4–1 hasabynda üstün çykdy. Eýdhowenlileriň doly artykmaçlygynda geçen oýunda ýer eýeleriniň gollaryny Bakaýoko (9), De Ýong (23, 53), Werman (80) hem-de Uneken (90+1) geçirdi. Şu möwsümde häzirlikçe 1 gezek utulan PSW topary 78 utuk bilen 2-nji ýerdäki «Feýenoorddan» 9 utuk öňde barýar.

«Feýenoord» topary soňky tapgyrda «Aýaks» bilen duşuşyp, garşydaşyny taryhy hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. 6–0 hasabynda ýeňiş gazanan rotterdamlylaryň adyndan Paýşao (34, 66), Minteh (35, 56), Gansko (45+2) hem-de Timber (62) tapawutlandy. «Aýaks» topary taryhynda çempionatda ilkinji gezek 6 golly aratapawut bilen ýeňlişe sezewar boldy. 1-nji oýunda-da



4–0 hasabynda asgyn gelen «Aýaks» topary köne bäsdeşinden şu möwsümde jogapsyz 10 gol geçirtdi. «Aýaks» çempionatda 45 utuk bilen 2-nji ýerde barýar.

# Çempionlyga 3 utuk galdy



Germaniýanyň çempionatynda «Baýeriň» taryhy çempionlygyna bir ýeňiş galdy. Ýeňlişsiz ýörişini Berlinde hem dowam etdiren Habi Alonsonyň şägirtleri «Union» toparyny Wirtsiň 45+8-nji minutda penaltiden geçiren goly esasynda 1–0 ýeňip, ýeňlişsizlik ýoluny 41 duşuşyga çykardy. Olar indiki tapgyrda öz meýdançasynda «Werderi» ýeňen ýagdaýynda çempionlygyny yglan ederler. Soňky 11 ýylyň çempiony «Bawariýa» myhmançylykda «Haýdenhaým» bilen duşuşyp, Keýn hem-de Gnabriniň gollary bilen öňe geçse-de, 2-nji ýarymyň başlarynda 2 minutda 2 gol geçirdip, hasabyň deňlenmeginiň öňüni alyp bilmedi. Oýnuň 79-njy minutynda-da 2-nji goluň awtory Klýaýndinst toparynyň 3-nji goluny geçirip, «Haýdenhaýma» taryhy ýeňiş gazandyrdy. «Bawariýa» şu möwsümde 6-njy gezek ýeňlişe sezewar bolup, münhenliler mundan öň 2011/12 möwsüminde 6 sapar utulypdylar. 3-nji ýer üçin göreşýän «Borussiýa Dortmund» bilen «Ştutgartyň» arasyndaky oýunda myhmanlar Girassiniň ýeke-täk goly bilen ýeňşini baýram etdi. Opendanyň 2 gol geçiren oýnunda «Fraýburgy» 4–1 hasabynda ýeňen «Leipsig» 4-nji orna beýgeldi.




## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*13-nji aprel (şenbe)*

Nýukasl – Tottenham (16:30)
Atletiko – Žirona (17:00)
Bawariýa – Köln (18:30)
Borussiýa M – Borussiýa D (18:30)
Man. Siti – Luton Tawn (19:00)
Krasnodar – Zenit (19:00)
Torino – Ýuwentus (21:00)
Malýorka – Real Madrid (21:30)
Bornmut – Man. Ýunaýted (21:30)
Ştutgart – Leipsig (21:30)
Lokomotiw – SSKA (21:30)
Kadiz – Barselona (00:00)

*14-nji aprel (ýekşenbe)*

Napoli – Frozinone (15:30)
Sassuolo – Milan (18:00)
Liwerpul – K. Palas (18:00)
Arsenal – Aston Willa (20:30)
Baýer – Werder (20:30)
Udineze – Roma (21:00)
Atletik – Wilýarreal (21:30)
Inter – Kaliari (23:45)

*15-nji aprel (duşenbe)*

Çelsi – Ewerton (00:00)

### PREMIER LEAGUE (32) — 30 gol

**K. Palas—Man. Siti: 2–4** (Mateta 3, Eduar 86 — De Bruýne 13, 70, Lýuwis 47, Holann 66), **A. Willa—Brentford: 3–3** (Watkins 39, 81, Rojers 46 — Zanka 59, Mbemo 61, Wissa 68), **Wulwerhempton—West Ham: 1–2** (Sarabiýa 33 p — Paketa 73 p, Word-Prouz 85), **Luton—Bornmut: 2–1** (Klark 73, Morris 90 — Tawarnie 52), **Fulham—Nýukasl: 0–1** (Gimaraýns 81), **Ewerton—Börnli: 1–0** (Kalwert-Lýuwin 45+2), **Braýton—Arsenal: 0–3** (Saka 33 p, Hawerts 62, Trossar 86), **M. Ýunaýted—Liwerpul: 2–2** (B. Fernandeş 50, Maýnu 67 — Diaz 23, Salah 84 p), **Şeffild Ý.—Çelsi: 2–2** (Bogl 32, Makberni 90+3 — T. Silwa 11, Madueke 66), **Tottenham—N. Forest: 3–1** (Murilo 15 ö.d., Wan de Ben 53, Porro 58 — Wud 27)

### SERIE A (31) — 19 gol

**Salernitana—Sassuolo: 2–2** (Kandrewa 52 p, Majore 90+1 — Loriýante 37, Baýrami 44), **Milan—Leçￇe: 3–0** (Pulişiç 6, Žiru 20, Leao 57), **Roma—Lasio: 1–0** (Mançini 42), **Empoli—Torino: 3–2** (Kambiagi 6, Kançelieri 74, Niang 90+4 — Zapata 60, 90+1), **Frozinone—Bolonýa: 0–0, Monza—Napoli: 2–4** (Džuriç 9, Kolpani 62 — Osimhen 55, Politano 57, Zeliniski 61, Raspadori 68), **Kaliari—Atalanta: 2–1** (Ojello 42, Wiola 88 — Skamakka 13), **Werona—Jenoa: 1–2** (Bonazzoli 8 — Ekuban 45, Gudmundsson 58), **Ýuwentus—Fiorentina: 1–0** (Gatti 21), **Udineze—Inter: 1–2** (Samaržiç 40 — Çalhanoglu 55 p, Frattezi 90+5)

### BUNDESLIGA (28) — 22 gol

**Aýntraht—Werder: 1–1** (Tuta 77 — Welkowiç 62), **Köln—Bohum: 2–1** (Tigges 90+1, Waldşmidt 90+2 — Passlak 53), **Maýns—Darmştadt: 4–0** (Hançe-Olsen 33, Gruda 60, Li Je Son 80, 84), **Union Berlin—Baýer: 0–1** (Wirts 45+8 p), **Fraýburg—Leipsig: 1–4** (Grifo 59 — Aýdara 2, Openda 18, 44, Şeşko 54), **Haýdenhaým—Bawariýa: 3–2** (Sessa 50, Klýaýndinst 51, 79 — Keýn 38, Gnabri 45), **Borussiýa D—Ştutgart: 0–1** (Girassi 64), **Hoffenhaým—Augsburg: 3–1** (Weghorst 17, Kramariç 20, Bebu 90 — Demirowiç 61), **Wolfsburg—Borussiýa M: 1–3** (Baku 7 — Itakura 52, Ngumu 59, Raýts 88)

### LIGUE 1 (28) — 25 gol

**Lill—Marsel: 3–1** (Dewid 54 p, Kabella 71, Gudmundsson 84 — Ismaili 81 ö.d.), **Lans—Le Hawr: 1–1** (Frankowski 58 — Sabbi 78 p), **PSŽ—Klermon: 1–1** (Ramuş 85 — Keita 32), **Brest—Mets: 4–3** (Şardonne 12, Dumbiýa 31, Munie 38, Satriano 60 — Traore 6, Mikautadze 74, 80), **Tuluza—Strasbur: 0–0, Reýms—Nissa: 0–0, Monpelie—Loriýan: 2–0** (Sawanie 55 p, Karamo 90+1), **Monako—Renn: 1–0** (Akliuş 25), **Nant—Lion: 1–3** (Ablin 16 — Lakazett 75, Fofana 77, Orban 90+7)

### PRIMEIRA LIGA (28) — 27 gol

**Farense—Boawişta: 2–0** (Falkao 28, Duarte 39), **Riu Awe—Žil Wisente: 3–0** (Teýşeýra 30, Aziz 43 p, Žoka 63), **Famalikao—Wizela: 3–2** (Şikiniýu 8, Rizzeli 43, Kadis 90+5 — Lokilo 55, Essende 81), **Braga—Aroka: 0–2** (Saatçi 29 ö.d., Muhika 34, 89), **Sporting—Benfika: 2–1** (Katamo 1, 90+1 — Ba 45+2), **Şawiş—Portimonense: 2–3** (Hernandes 25 p, Korreýýa 76 — Karlinios 72, Kassama 83, Formija 90+1), **Moreýrense—Eştrela: 2–2** (Kaştro 25, Bruno 43 ö.d. — Luiz 54, Kikaş 83), **Porto—Gimaraýnş: 1–2** (Galeno 44 — Galeno 12 ö.d., Žota Silwa 33), **Kasa Pia—Eştoril: 0–0**

### PREMÝER LIGA (22) — 28 gol

**Ural—Krylýa Sowetow: 1–2** (Kaştanow 41 p — Rahmanowiç 16, 79 p), **Pari NN—Krasnodar: 3–4** (Kalinskiý 34, Troşeçkin 40, Kuharçuk 87 — Gluşenkow 8 ö.d., Kordoba 13, 71, Spersýan 79), **Rostow—Soçi: 2–2** (Golenkow 1, Ronaldo 45+5 — Krawsow 6, Guarirapa 35), **SSKA—Fakel: 4–1** (Musaýew 36, Oblýakow 60, Faýzullaýew 75, Çalow 90 — Çerow 90+4), **Ahmat—Lokomotiw: 0–2** (Miranşuk 21 p, Pinýaýew 58), **Zenit—Baltika: 1–0** (Pedro 42), **Dinamo—Spartak: 1–2** (Çawes 5 p — Sobolew 74, 87), **Orenburg—Rubin: 3–0** (Worobew 58, Hotulew 88, Marin 89)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 31 | 22 | 5 | 4 | 75-24 | 71 |
| 2 | LIWERPUL | 31 | 21 | 8 | 2 | 72-30 | 71 |
| 3 | MAN. SITI | 31 | 21 | 7 | 3 | 71-31 | 70 |
| 4 | TOTTENHAM | 31 | 18 | 6 | 7 | 65-45 | 60 |
| 5 | ASTON WILLA | 32 | 18 | 6 | 8 | 66-49 | 60 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 31 | 15 | 4 | 12 | 45-46 | 49 |
| 7 | WEST HAM | 32 | 13 | 9 | 10 | 52-56 | 48 |
| 8 | NÝUKASL | 31 | 14 | 5 | 12 | 65-52 | 47 |
| 9 | ÇELSI | 30 | 12 | 8 | 10 | 55-52 | 44 |
| 10 | BRAÝTON | 31 | 11 | 10 | 10 | 51-49 | 43 |
| 11 | W. HEMPTON | 31 | 12 | 6 | 13 | 44-49 | 42 |
| 12 | BORNMUT | 31 | 11 | 8 | 12 | 45-55 | 41 |
| 13 | FULHAM | 32 | 11 | 6 | 15 | 47-51 | 39 |
| 14 | K. PALAS | 31 | 7 | 9 | 15 | 36-54 | 30 |
| 15 | EWERTON | 31 | 9 | 8 | 14 | 32-42 | 29 |
| 16 | BRENTFORD | 32 | 7 | 8 | 17 | 45-58 | 29 |
| 17 | N. FOREST | 32 | 7 | 8 | 17 | 40-56 | 25 |
| 18 | LUTON TAWN | 32 | 6 | 7 | 19 | 45-65 | 25 |
| 19 | BÖRNLI | 32 | 4 | 7 | 21 | 32-67 | 19 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 31 | 3 | 7 | 21 | 30-82 | 16 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 19 |
| 2 | Olli WATKINS (Aston Willa) | 18 |
| 3 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 17 |
| 4 | Dominik SOLANKE (Bornmut) | 16 |
| 5 | Koul PALMER (Çelsi) | 16 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 31 | 26 | 4 | 1 | 75-15 | 82 |
| 2 | MILAN | 31 | 21 | 5 | 5 | 60-34 | 68 |
| 3 | ÝUWENTUS | 31 | 18 | 8 | 5 | 45-24 | 62 |
| 4 | BOLONÝA | 31 | 16 | 10 | 5 | 45-25 | 58 |
| 5 | ROMA | 31 | 16 | 7 | 8 | 56-35 | 55 |
| 6 | ATALANTA | 30 | 15 | 5 | 10 | 55-34 | 50 |
| 7 | NAPOLI | 31 | 13 | 9 | 9 | 48-38 | 48 |
| 8 | LASIO | 31 | 14 | 4 | 13 | 37-34 | 46 |
| 9 | TORINO | 31 | 11 | 11 | 9 | 31-29 | 44 |
| 10 | FIORENTINA | 30 | 12 | 7 | 11 | 42-35 | 43 |
| 11 | MONZA | 31 | 11 | 9 | 11 | 34-41 | 42 |
| 12 | JENOA | 31 | 9 | 11 | 11 | 34-38 | 38 |
| 13 | KALIARI | 31 | 7 | 9 | 15 | 32-52 | 30 |
| 14 | LEÇÇE | 31 | 6 | 11 | 14 | 26-48 | 29 |
| 15 | UDINEZE | 31 | 4 | 16 | 11 | 30-47 | 28 |
| 16 | EMPOLI | 31 | 7 | 7 | 17 | 25-47 | 28 |
| 17 | WERONA | 31 | 6 | 9 | 16 | 28-42 | 27 |
| 18 | FROZINONE | 31 | 6 | 8 | 17 | 38-61 | 26 |
| 19 | SASSUOLO | 31 | 6 | 7 | 18 | 36-59 | 25 |
| 20 | SALERNITANA | 31 | 2 | 9 | 20 | 25-64 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 23 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 15 |
| 3 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 13 |
| 4 | Paulo DIBALA (Roma) | 12 |
| 5 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 12 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 28 | 24 | 4 | 0 | 69-19 | 76 |
| 2 | BAWARIÝA | 28 | 19 | 3 | 6 | 80-36 | 60 |
| 3 | ŞTUTGART | 28 | 19 | 3 | 6 | 64-34 | 60 |
| 4 | LEIPSIG | 28 | 16 | 5 | 7 | 64-33 | 53 |
| 5 | BORUSSIÝA D | 28 | 15 | 8 | 5 | 55-33 | 53 |
| 6 | AÝNTRAHT | 28 | 10 | 12 | 6 | 43-36 | 42 |
| 7 | AUGSBURG | 28 | 9 | 9 | 10 | 45-46 | 36 |
| 8 | HOFFENHAÝM | 28 | 10 | 6 | 12 | 48-53 | 36 |
| 9 | FRAÝBURG | 28 | 10 | 6 | 12 | 40-52 | 36 |
| 10 | HAÝDENHAÝM | 28 | 8 | 9 | 11 | 41-49 | 33 |
| 11 | BORUSSIÝA M | 28 | 7 | 10 | 11 | 49-54 | 31 |
| 12 | WERDER | 28 | 8 | 7 | 13 | 36-44 | 31 |
| 13 | UNION BERLIN | 28 | 8 | 5 | 15 | 25-43 | 29 |
| 14 | WOLFSBURG | 28 | 7 | 7 | 14 | 34-47 | 28 |
| 15 | BOHUM | 28 | 5 | 11 | 12 | 33-58 | 26 |
| 16 | MAÝNS | 28 | 4 | 11 | 13 | 26-46 | 23 |
| 17 | KÖLN | 28 | 4 | 10 | 14 | 23-49 | 22 |
| 18 | DARMŞTADT | 28 | 2 | 8 | 18 | 28-71 | 14 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 32 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 24 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 21 |
| 4 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 15 |
| 5 | Ermedin DEMIROWIÇ (Augsburg) | 15 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 28 | 18 | 9 | 1 | 65-24 | 63 |
| 2 | BREST | 28 | 15 | 8 | 5 | 41-23 | 53 |
| 3 | MONAKO | 28 | 15 | 7 | 6 | 53-38 | 52 |
| 4 | LILL | 28 | 13 | 10 | 5 | 42-25 | 49 |
| 5 | NISSA | 28 | 12 | 8 | 8 | 28-22 | 44 |
| 6 | LANS | 28 | 12 | 7 | 9 | 37-30 | 43 |
| 7 | REÝMS | 28 | 11 | 7 | 10 | 35-36 | 40 |
| 8 | MARSEL | 28 | 10 | 9 | 9 | 41-33 | 39 |
| 9 | RENN | 28 | 10 | 9 | 9 | 40-34 | 39 |
| 10 | LION | 28 | 11 | 5 | 12 | 34-42 | 38 |
| 11 | TULUZA | 28 | 8 | 9 | 11 | 32-36 | 33 |
| 12 | STRASBUR | 28 | 8 | 9 | 11 | 30-39 | 33 |
| 13 | MONPELIE | 28 | 8 | 9 | 11 | 35-40 | 32 |
| 14 | LE HAWR | 28 | 6 | 10 | 12 | 27-36 | 28 |
| 15 | NANT | 28 | 8 | 4 | 16 | 27-45 | 28 |
| 16 | LORIÝAN | 28 | 6 | 8 | 14 | 35-52 | 26 |
| 17 | METS | 28 | 6 | 5 | 17 | 28-48 | 23 |
| 18 | KLERMON | 28 | 4 | 9 | 15 | 20-47 | 21 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 24 |
| 2 | Jonatan DEWID (Lill) | 16 |
| 3 | Aleksander LAKAZETT (Lion) | 14 |
| 4 | Pier-Emerik OBAMEÝANG (Marsel) | 12 |
| 5 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 11 |

**PORTUGALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PL/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | SPORTING | 27 | 23 | 2 | 2 | 79-27 | 71 |
| 2 | BENFIKA | 28 | 21 | 4 | 3 | 62-23 | 67 |
| 3 | PORTO | 28 | 18 | 4 | 6 | 51-21 | 58 |
| 4 | BRAGA | 28 | 17 | 5 | 6 | 60-40 | 56 |
| 5 | GIMARAÝNŞ | 28 | 17 | 5 | 6 | 44-28 | 56 |
| 6 | MOREÝRENSE | 28 | 12 | 7 | 9 | 30-30 | 43 |
| 7 | AROKA | 28 | 12 | 4 | 12 | 48-38 | 40 |
| 8 | FAMALIKAO | 27 | 8 | 10 | 9 | 29-33 | 34 |
| 9 | KASA PIA | 28 | 8 | 7 | 13 | 27-39 | 31 |
| 10 | FARENSE | 28 | 8 | 6 | 14 | 37-40 | 30 |
| 11 | EŞTORIL | 28 | 8 | 5 | 15 | 43-49 | 29 |
| 12 | RIO AWE | 28 | 5 | 14 | 9 | 29-35 | 29 |
| 13 | BOAWIŞTA | 28 | 7 | 8 | 13 | 33-53 | 29 |
| 14 | ŽIL WISENTE | 28 | 7 | 7 | 14 | 36-44 | 28 |
| 15 | EŞTRALA | 28 | 6 | 9 | 13 | 29-43 | 27 |
| 16 | PORTIMONENSE | 28 | 7 | 5 | 16 | 30-60 | 26 |
| 17 | WIZELA | 28 | 4 | 9 | 15 | 28-59 | 21 |
| 18 | ŞAWIŞ | 28 | 4 | 7 | 17 | 27-60 | 19 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor DÝUKEREŞ (Sporting) | 22 |
| 2 | Simon BANZA (Braga) | 21 |
| 3 | Rafa MUHIKA (Aroka) | 18 |
| 4 | Hektor HERNANDES (Şawiş) | 14 |
| 5 | Samuel ESSENDE (Wizela) | 14 |

**RUSSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMÝER LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ZENIT | 22 | 13 | 5 | 4 | 41-19 | 44 |
| 2 | KRASNODAR | 22 | 12 | 7 | 3 | 35-21 | 43 |
| 3 | DINAMO | 22 | 10 | 8 | 4 | 35-29 | 38 |
| 4 | SSKA | 22 | 9 | 9 | 4 | 40-28 | 36 |
| 5 | LOKOMOTIW | 22 | 9 | 9 | 4 | 35-28 | 36 |
| 6 | SPARTAK | 22 | 10 | 5 | 7 | 29-27 | 35 |
| 7 | K. SOWETOW | 22 | 9 | 6 | 7 | 39-33 | 33 |
| 8 | RUBIN | 22 | 9 | 5 | 8 | 20-27 | 32 |
| 9 | ROSTOW | 22 | 8 | 7 | 7 | 34-33 | 31 |
| 10 | PARI NN | 22 | 8 | 4 | 10 | 20-23 | 28 |
| 11 | FAKEL | 22 | 6 | 8 | 8 | 19-24 | 26 |
| 12 | ORENBURG | 22 | 5 | 8 | 9 | 24-29 | 23 |
| 13 | AHMAT | 22 | 5 | 5 | 12 | 20-29 | 20 |
| 14 | URAL | 22 | 5 | 5 | 12 | 20-35 | 20 |
| 15 | BALTIKA | 22 | 4 | 5 | 13 | 14-26 | 17 |
| 16 | SOÇI | 22 | 3 | 6 | 13 | 23-37 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo KASSIERRA (Zenit) | 15 |
| 2 | Jon KORDOBA (Krasnodar) | 11 |
| 3 | Eduard SPERSÝAN (Krasnodar) | 9 |
| 4 | Konstantin TÝUKAWIN (Dinamo) | 9 |
| 5 | Fedor ÇALOW (SSKA) | 9 |

# «Inter» 20-nji çempionlygyna barha golaýlaýar

**Italiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Inter» myhmançylykda «Udineze» bilen duşuşyp, garşydaşynyň öňe saýlanandygyna garamazdan, soňky minutlarda ýeňşini baýram etdi (2–1). Ýer eýelerinden Samaržiçiň 40-njy minutdaky goluna 55-nji minutda (p) Çalhanoglu hem-de 90+5-nji minutda Frattezi jogap berdi. «Interden» 14 utuk yzda barýan «Milan» öz meýdançasynda «Leççeni» Pulişiç, Žiru hem-de Leaonyň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňdi. «Ýuwentus» öz meýdançasynda Gattiniň ýeke-täk goly esasynda «Fiorentinadan» üstün çykmagy başardy. Paýtagt derbisinde «Roma» topary «Lasiony» Mançininiň 42-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda utdy. Soňky çempion «Napoli» hem myhmançylykda «Monzany» 4–2 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.



**Fransiýanyň çempionatynda** PSŽ toparyna öz meýdançasynda iň aşaky orunda barýan «Klermony» ýeňmek başartmady. Keitanyň 32-nji minutda geçiren goluna 85-nji minutda Ramuşyň goly bilen jogap beren parižliler ýeňlişden halas boldy. 7 goluň geçirilen oýnunda «Mets» toparyny 4–3 hasabynda ýeňen «Brest» 2-nji basgançakdaky ornuny goramagyny dowam edýär. «Lill» öz meýdançasynda «Marseli», «Lion» myhmançylykda «Nanty» 3–1 hasabynda ýeňdi.

**Portugaliýanyň çempionatynda** 28-nji tapgyrda Lissabon derbisinde sanawyň lideri «Sporting» Katamonyň 1-nji hem-de 90+1-nji minutda geçiren gollary esasynda «Benfikany» 2–1 hasabynda ýeňip, arany açmagy başardy. 1 oýny kem «Sporting» 2-nji ýerdäki «Benfikadan» 4 utuk öňde bolup, tälimçi Amorimiň şägirtleri çempionlygyň bosagasynda dur. 3-nji ýerdäki «Porto» öz meýdançasynda «Gimaraýnşdan» 2–1 hasabynda asgyn geldi. Duşuşykda «Porto» klubunyň ýyldyzy Galeno her toparyň derwezesinden 1 gol geçirdi.

**Russiýanyň çempionatynda** «Zenit» bilen «Krasnodaryň» arasyndaky çempionlyk göreşi dowam edýär. «Zenit» öz meýdançasynda «Baltikany» Pedronyň ýeke-täk goly bilen ýeňse, «Krasnodar» 7 goluň geçirilen duşuşygynda myhmançylykda «Pari NN» toparyny 4–3 hasabynda utdy. Moskwa derbisinde «Spartak» myhmançylykda «Dinamony» ýer eýeleriniň öňe saýlanandygyna garamazdan, soňky 16 minutda Sobolewiň geçiren gollary esasynda utdy.

# Çärýek finalyň 1-nji duşuşyklary: 4 oýunda 18 gol

**UEFA Çempionlar Ligasynda çärýek finalyň 1-nji duşuşyklary geçirildi. Yklymyň belli şäherlerinde – Madriddir Londonda hem-de Parižde oýnalan 4 duşuşykda 18 gol hasaba alyndy. 2 oýun deňlikde tamamlanyp, 1 oýunda myhmanlar, 1 duşuşykda-da ýer eýeleri ýeňiş gazandy.**

Hepdäniň sişenbe gününde geçirilen oýunlaryň 2-si hem deňlikde gutaryp, Madridde «Real» soňky çempion «Mançester Siti» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda janköýerler 6 goluň şaýady bolsalaram, duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady. Eýýäm 2-nji minutda Bernardo Silwa derwezeçi Luniniň hem ýalňyşlygyndan peýdalanyp, jerime urgusyndan hasaby açdy. Ýöne «Realyň» bu gola jogaby gijikmedi. 10 minutdan soň Kamawinganyň urgusynda top Ruben Diaşyň aýagyna degip, derweze girdi we hasap deňlendi. 14-nji minutda garşylyklaýyn hüjümde Rodrigonyň goly bilen «Real Madrid» 2–1 hasabynda öňe saýlandy. Duşuşygyň 1-nji ýarymy şol hasap bilen «Real Madridiň» peýdasyna tamamlandy. 2-nji ýarymda 2–1 hasap bilen ýeňiş gazanan tarap «Mançester Siti» boldy. Oýnuň 66-njy minutynda Fil Fodeniň, 71-nji minutynda-da Ýoşko Gwardiolyň gollary bilen iňlis kluby 3–2 öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik madridliler 79-njy minutda Walwerdeniň ajaýyp goly bilen hasaby deňläp, ýeňlişden halas boldular. Şunlukda, duşuşyk 3–3 hasabynda deňlikde tamamlandy. Bu duşuşyk «Real Madridiň» tälimçisi Karlo Ançelottiniň Çempionlar Ligasyndaky 200-nji duşuşygy bolup (114-sinde ýeňiş gazandy), ol bu görkezijä ýeten ilkinji tälimçi hökmünde hasaba alyndy. Şeýle-de, bu ýaryşda 10 oýundan bäri ýeňiş gazanyp gelýän «Mançester Sitiniň» bu statistikasy hem tamamlandy.





Londondaky duşuşykda «Arsenal» toparyna «Bawariýany» ýeňmek başartmady. Çekeleşikli geçen oýnuň 12-nji minutynda Bukaýo Sakanyň goly bilen «Arsenal» öňe geçse-de, 1-nji ýarym nemes klubunyň üstünligi bilen tamamlandy. 18-nji minutda Serž Gnabri hasaby deňlese, Keýn bellenen penaltini 32-nji minutda dürs urup, «Bawariýany» 2–1 hasabynda öňe saýlady. 2-nji ýarymda-da «Arsenal» Trossaryň goly bilen hasaby deňledi we duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady.

Parižde PSŽ öz meýdançasynda «Barselonany» kabul edip, garşylykly geçirilen gollaryň netijesinde ispan topary ýeňiş bilen dolandy. 37-nji minutda Rafinýanyň goly bilen «Barselona» öňe saýlandy. 2-nji ýarymyň başynda geçen möwsüm katalonlaryň köýnekçesini geýen Dembeleniň goly bilen PSŽ hasaby deňledi. 51-nji minutda PSŽ Witinýanyň goly esasynda öňe hem saýlandy. Ýöne Rafinýa 62-nji minutda ýene-de tapawutlanyp, hasaby deňledi. Duşuşygyň 77-nji minutynda-da Kristenseniň goly bilen «Barselona» ýeňşini baýram etdi. Daniýaly goragçy öz doglan gününde UÇL-de tapawutlanan ilkinji barselonaly futbolçy boldy.

Madridde geçirilen 2-nji duşuşykda «Atletiko» topary bilen nemes kluby «Borussiýa Dortmund» duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Atletiko» topary Rodrigo De Poluň 4-nji, Samuel Linonyň 32-nji minutda geçiren gollary bilen 1-nji ýarymda 2–0 hasabynda öňe geçdi. 2-nji ýarymda-da dortmundlylara şol gollaryň biriniň öwezini dolmak başartdy. 81-nji minutda tapawutlanan Sebastian Haller UÇL-däki 13-nji duşuşygynda 12-nji goluny geçirdi. Duşuşyk 2–1 hasabynda «Atletikonyň» ýeňşi bilen tamamlandy.

UÇL-de çärýek finalyň jogap oýunlary 16–17-nji aprelde geçiriler.

***Çärýek finalyň 1-nji duşuşyklarynyň netijeleri:***

**«REAL MADRID» – «MANÇESTER SITI»: 3-3**
/Ruben Diaş 12 ö.d., Rodrigo 14, Walwerde 79 – Bernardo Silwa 2, Foden 66, Gwardiol 71/

**«ARSENAL» – «BAWARIÝA»: 2-2**
/Saka 12, Trossar 76 – Gnabri 18, Keýn 32 p/

**«PARI SEN-ŽERMEN» – «BARSELONA»: 2-3**
/Dembele 48, Witinýa 51 – Rafinýa 37, 62, Kristensen 77/

**«ATLETIKO MADRID» – «BORUSSIÝA D»: 2-1**
/De Pol 4, Lino 32 – Haller 81)





# Keýn ýa-da Koman: haýsy hem bolsa biriniň statistikasy tamamlanýar

**Harri Keýn hem-de Kingsli Koman – ikisi-de Germaniýanyň iň öňdebaryjy topary «Bawariýanyň» hüjümçileri. Angliýaly Keýn geçen tomusda klubuň düzümine goşulan bolsa, fransiýaly Koman 2015-nji ýylyň tomsundan bäri çykyş edip gelýär. Ýagny 27 ýaşyndaky hüjümçi 9 möwsümden bäri «Bawariýanyň» ýeňişlerine uly goşant goşýar. Iki futbolçynyň arasynda uly tapawut bolup, olaryň biriniň henize çempionlygy bolman, beýlekisi her möwsüm çempionlyk gazanyp gelýär. Ine, şu möwsüm şol iki futbolçynyň haýsy hem bolsa biriniň şol statistikasy soňlanýar. Häzirki wagtda Keýniň çempionlyksyz ýörişi dowam etjege meňzäp, Koman ilkinji gezek möwsümi çempion bolmazdan tamamlar.**



Harri Keýn – depeni gol bolýan 30 ýaşyndaky angliýaly hüjümçi karýerasynyň agramly bölegini has takygy, 14 ýylyny Londonyň «Tottenham» toparynda geçirdi. Irki ýyllarda dürli klublara kärendesine ugradylsa-da, ol 2013-nji ýyldan 2023-nji ýyla çenli «Tottenhamyň» iň esasy ýyldyzy boldy. Şol ýyllarda 300-e golaý gol geçirse-de, ýyldyz oýunça çempionlyk gazanmak miýesser etmedi. Diňe bir çempionlyk däl, eýsem, ol hiç hili kubogy hem asmana göterip görmedi. Ahyrynda-da ol klubuny üýtgedenini kem görmän, geçen tomusda özüne rekord derejede töleg tölän «Bawariýanyň» düzümine goşuldy. Ýagny islendik oýunçyda bar bolan çempion bolmak duýgusynyň iň köp hasyl bolaýjak ýerine, çempionlyklar gazanmak üçin iň dogry salga – yklymyň öňdebaryjy topary «Bawariýa» transfer boldy. Hemmeler ýyldyz oýunçynyň ahyry arzuwlap gelýän çempionlyklaryna ýetjeginden arkaýyndy. Ýöne hakykatda bolsa onuň şowsuzlyklar statistikasy tamamlanmady. «Bundesliganyň» her tapgyrynda diýen ýaly bir rekordy täzeläp gelýän Keýne ilkinji 28 tapgyrda 32 gol geçirse-de, iň esasy arzuwyna ýetmek, çempionlyk gazanmak şu möwsüm miýesser etmez. Keýniň bu arzuwy indiki möwsüme ýa-da möwsümlere galdy. «Bawariýanyň» möwsümi çempionlyk bilen tamamlamagy üçin futbolda ozal bolmadyk mugjyzanyň, juda uly täsinligiň bolmagy gerek. Tamamlanyp barýan şu möwsümde «Bawariýanyň» 11 ýyldan bäri gazanyp gelýän çempionlygyna «Baýer» topary soňky nokady goýar. Taryhy çempionlykdan 3 utuk uzaklykda duran «Baýer» ýekşenbe güni «Werderi» ýeňen halatynda çempionlygyny yglan eder.

Beýleki bir tarapda-da fransiýaly hüjümçi, hüjümde iki gyrada-da oýnap bilýän Kingsli Koman professional karýerasyna başlanyndan bäri ýeke möwsümi hem çempionlyksyz, ýagny milli liganyň ýeňşi bolmazdan tamamlamady. 27 ýaşly oýunçynyň karýerasynda 11 çempionlygy bolup, ol beýleki ýaryşlary-da hasaba alanyňda 25 kubogy asmana göterdi. 2012/13 möwsüminde PSŽ-de professional futbola başlan Koman Fransiýanyň çempionatynda yzly-yzyna 2 çempionlyk gazanýar. Soňra «Ýuwentusyň» düzümine goşulan Koman «Serie A»-da hem 1 gezek çempion bolýar. 2015-nji ýylyň tomsunda «Bawariýa» gaýdan Koman şondan bäri «Bundesliganyň» çempionlygyny gazanyp gelýär. Ilkinji 2 ýyly «Bawariýada» kärendesine oýnan Koman 2017-nji ýylda ymykly transfer edilýär. 2012/13 möwsüminden soň yzly-yzyna 11 çempionlyk gazanyp, bu ugurda Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynyň rekordynyň eýesi bolýar. Şol çempionlyklaryň soňky 8-sine Komanyň goşandy az bolmaýar. Ol «Bawariýada» 335 oýunda jemi 63 gol geçirýär. Aglaba asistleri bilen öňe saýlanýan Koman şu möwsümde ilkinji gezek çempionlyk gazanyp bilmez.



Başgaça aýdylanda, Keýniň şol şowsuz statistikasy dowam edip, Komanyň çempionlyklar hasabaty şu möwsüm üçin tamamlanýar. Ýagny ol çempionlyklaryna arakesme bermeli bolýar. Netijede, şu möwsüm 2 futbolçynyň hem ýüzüni güldürmeýär.


## TÜRKMENISTANYŇ SENAGATÇYLAR WE TELEKEÇILER BIRLEŞMESINIŇ TELEKEÇILER MEKDEBI

«Telekeçiler mekdebi» Aşgabat şäherinde 12 sagatlyk täze «Telekeçilikde gümrük işleriniň esaslary» hünär okuwyny (seminaryny) guraýar.

Bu hünär okuwynyň (seminaryň) diňleýjileri Türkmenistanda telekeçilikde gümrük işlerine degişli kada-kanun üpjünçiligini, Gümrük kodeksine girizilen üýtgetmeleri we goşmaçalary, gümrük işlerindäki täzelikleri, daşary söwdany ösdürmekde ykdysady-gümrük düzgünlerini, gümrük tölegleri öwrenmek boýunça bilim alarlar.



Hünär okuwy (seminar) Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň ýanyndaky okuw merkeziniň ýokary hünärli, tejribeli mugallymlary tarapyndan alnyp barlar.

Hünär okuwyny üstünlikli tamamlan diňleýjilere şahadatnama berler.

**Habarlaşmak üçin telefon belgimiz: +993 12 22-88-38.**



## HORMATLY ILDEŞLER!

«Kepilli ätiýaçlandyryş» AGPJ ýuridik we fiziki şahslary ätiýaçlandyryş bazarynda özara bähbitli hyzmatdaşlyga çagyrýar. Häzirki wagtda «Kepilli ätiýaçlandyryş» AGPJ ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşleri boýunça ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş işlerini amala aşyrmak bilen, size meýletin ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň 20 görnüşini hödürleýär:

**1.** Kärhanalaryň emlägini;
**2.** Gurluşyk-gurnaýyş işlerini;
**3.** Üçünji şahslaryň öňündäki raýat-hukuk jogapkärçiligini;
**4.** Hususy eýeçilik hukugy esasynda raýatlara degişli bolan ýaşaýyş jaýlaryny;
**5.** Ulag serişdelerini;
**6.** Türkmenistanyň çäklerinden daşyna gidýän raýatlaryň saglygyny;
**7.** Ýuridik şahslaryň hasabyna işgärleri betbagtçylykly hadysalardan köpçülikleýin ätiýaçlandyrmak;
**8.** Ipotekany;
**9.** Ýükleri;
**10.** Buraw işlerini;
**11.** Suw ulagy serişdelerini;
**12.** Halkara ýük daşamalaryny amala aşyrýan daşaýjylaryň raýat-hukuk jogapkärçiligini;
**13.** Betbagtçylykly hadysalardan;
**14.** Daşaýjylaryň (ekspeditorlaryň) raýat jogapkärçiligini;
**15.** Howa uçarlaryndaky we dikuçarlardaky ýolagçylary, ekipaž agzalaryny betbagtçylykly hadysalardan;
**16.** Ekologiýany;
**17.** Hünärmentçilik jogapkärçiligini;
**18.** Iş berijiniň raýat-hukuk jogapkärçiligini;
**19.** Howa gämilerini utgaşdyryp, meýletin ätiýaçlandyrmak;
**20.** Türkmenistana gelýän ýa-da wagtlaýyn ýaşaýan daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň saglygyny meýletin ätiýaçlandyrmak.

«Kepilli ätiýaçlandyryş» AGPJ ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşleri boýunça öz müşderilerine ýokary hilli, amatly ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny üpjün etmekde hemişe siziň hyzmatyňyzdadyr!

**Ätiýaçlandyryň! Ätiýaçly boluň!**

**Biziň salgymyz:** Aşgabat şäheri, A.Nyýazow şaýolunyň 182-nji jaýy.
**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:** +99312 41-41-76, +99365 55-55-83, +99362 30-14-14.
**Kepilliagpj@gmail.com** **info@kepil.com.tm**



GMOIL
GELJEGE MIRAS
HUSUSY KÄRHANASY

«GELJEGE MIRAS» HUSUSY KÄRHANASY AWTOULAGLAR ÜÇIN DÜRLI GÖRNÜŞLI ÇALGY ÝAGLARYNY HÖDÜRLEÝÄR




*Biziň salgymyz: Aşgabat şäheriniň Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow şaýolunyň 149-njy jaýy.*

**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz: +993(12) 41-40-29; +993(64) 22-44-48.**

**www.geljege-miras@mail.ru**
**www.geljegemiras.com**